TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY

S. Myradowa

# NEBIT-GAZ PUDAGYNYŇ KÄRHANALARYNYŇ ÖNÜMÇILIK HOJALYK IŞLERINIŇ SELJERILIŞI

Aşgabat 2010

## Giriş.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň badalga beren Beýik Galkynyş zamanasynda ýangyç-energetika pudagy ykdysadyýetimiziň esasy sütünleriniň biri bolmagynda galýar. XXI asyrda bu möhüm pudagy mundan beýläkde ösdürip, ýurduň durnukly we abadançylyk ösüşini pugtalandyrmak wezipesi häzir öňe sürülýän meseleleriň hatarynda durýar. Şu jähtden Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň bu ýörelgä ygrarlydygyny subut edip, ýangyç serişdelerini dünýä bazarlaryna ýetirmegiň goşmaça ýollaryny döretmäge mümkinçilik berýän başlangyçlaryň birnäçesi bilen çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda, Hormatly Prezidentimiz 2007-nji ýylyň sentýabrynda BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 62-nji mejlisinde „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ hakyndaky Rezolýusiýany BMG-niň garamagyna girizmegi teklip etdi. Şonda bu başlangyç dünýäniň gazy eksport-import edýän we energiýa geçirijileri üstaşyr geçirýän döwletler tarapyndan gyzgyn goldanyldy. Netijede, 2008-nji ýylyň 19-njy dekabrynda Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça bu Rezolýusiýany kabul etmek hakynda dünýäniň döwletleriniň 192-si ses berdi.

Türkmenistan Ýewropa bilen Aziýanyň çatrygynda ýerleşmek bilen, sebitleriň arasynda özara medeniýetleri we söwda – ykdysady gatnaşyklary has işjeňleşdirmegiň ýardamçysy hökmünde çykyş etmäge isleg bildirýär. Şonuň üçin, Türkmenistan özüniň halkara energetika strategiýasyny hut, şu nukdaýnazardan gurýar. Bu srategiýanyň maksady bolsa, halkara turba geçirijileriniň köpugurly ulgamyny döretmekden, howpsuzlyk we ekologiýa howpsuzlygy nukdaýnazaryndan kepillendirilen turba geçirijileriniň

taslamalaryny durmuşa geçirmekden, halkara hyzmatdaşlygyna tarap alnan ugra üýtgewsiz ygrarly bolmakdan ybaratdyr. Bu srategiýa syýasy bähbitlere däl-de, eýsem deňhukukly ykdysady hyzmatdaşlyga esaslanýar.

Türkmenistan energiýa serişdelerini dünýäde iri öndürijileriň we iberijileriň biri hökmünde öz borçnamalaryny ýerine ýetirmek üçin ähli tagallalary edýär. Şol bir wagtyň özünde Türkmenistan öz hyzmatdaşlary tarapyndan hem uly tagallalaryň berjaý edilmegini isleýär. “Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly Rezolýusiýa ýokarda agzalan meseleleriň möhümdigine şaýatlyk edýär. Hormatly Prezidentimiziň öňe süren ähli umumy durnukly ykdysady ösüşiň we syýasy durnuklylygyň möhüm şerti hökmünde energetika howpsuzlygyny gazanmaga gönükdirilen başlangyjynyň halkara bileleşiginde giň goldaw tapandygynyň sebäbi hut şundadyr. Rezolýusiýa halkara bileleşiginiň energiýa serişdeleriniň ygtybarly daşalmagyna gyzyklanýandygyny we bu ugurda tagallalary birleşdirmäge taýýardygyny görkezdi. Rezolýusiýanyň türkmen energetika çig mallaryna halkara bazarynda söwda-ykdysady gatnaşyklaryny işjeňleşdirmek üçin goşmaça ýardam berjekdigi şübhesizdir.

Gaýra goýulmasyz çözülmeli wezipeleriň toplumy, ilkinji nobatda, dünýäniň energetika bazarynda döreýän umumy ýagdaý bilen baglylykda, Türkmenistanyň nebite we gaza baý döwlet hökmündäki derejesini kesgitleýär. Şoňa görä-de, ýurduň serişdelere baý potensialyny ýerlikli peýdalanmak üçin has çeýe çemeleşmek gerek. Türkmenistanda täze energetika syýasaty ýakyn onýyllyklarda uglewodorod ýangyjynyň çykarylýan, gaýtadan işlenilýän we eksporta ugradylýan möçberiniň birnäçe esse artdyrylmagyny göz öňünde tutup, tebigy ýataklardan barlanan we örän oňaýly mümkinçilikleri döredýän uglewodorod serişdeleriniň ägirt uly gorlaryna esaslanýar. Nebit – gaz sektoryna degişli kärhanalary

tehniki taýdan täzeden üpjün etmek, geologiýa-gözleg we buraw işleriniň gerimini giňeltmek maksadyna gönükdirilýän maýa goýumlar pudagyň çig mal binýadyny pugtalandyrmaga mümkinçilik berdi. Häzirki wagtda ýurdumyzda nebite we gaza geljegi uly bolan meýdançalaryň müň den gowragy ýüze çykaryldy we ýataklaryň 150-den gowragy açyldy. Häzir olaryň diňe 50-si ulanylýar.

Ýurdumyzyň döwrebaplaşýan döwründe ýokary derejeli hünärmenleri, inženerleri taýýarlamaklygyň ähmiýeti ýokarlanýar. Nebit-gaz pudagynyň ykdysadyýeti hünärinde bilim alýan talyplar hem görkezilen pudagyň inžener-ykdysadyýetçileri hökmünde önümçilik hojalyk işleriniň tehniki-ykdysady görkezijileriniň seljermesini geçirmäni doly başarmaly.

Tehniki – ykdysady görkezijileriň seljermesini öwrenmekde, amala aşyrmakda şu kitap gollanma bolar.

# Bap-I

## Nebit we gaz senagatynyň kärhanalarynda tehniki ykdysady seljermäniň guralyşy we usulyýeti, çeşmeler.

### *1.1Tehniki – ykdysady seljermäniň wezipeleri*

Kärhananyň önümçilik hojalyk-işiniň tehniki-ykdysady seljermesi tejribe ähmiýetli ykdysady bilimlere degişlidir. Onuň derňewleriniň predmeti bolup, kärhananyň we onuň ähli bölümleriniň hemme önümçilik-hojalyk işi hyzmat edýär.

Kärhananyň esasy wezipesiniň öz önümleri bilen halk hojalygynyň isleglerini, bu önümleri öndürmäge iň pes derejedäki harajatlaryň harçlanylmagy şertlerinde kanagatlandyrylmagy döwlet kärhanasy (birleşigi) hakyndaky kanunda ýazylandyr.Esasy wezipäni çözmek üçin bolsa, önümçiligiň netijeliliginiň hemişelik ýokarlanylmagyny, önümçiligiň maddy bazasynyň we ulanlýan serişdeleriň netijeli ulanylmagyny üpjün etmelidir. Netijede seljermäniň maksady bu-esasy we aýlaw fondlarynyň, maddy, zähmet we maliýe serişdeleriniň ýagdaýyny hem-de ulanyş netijeliligini öwrenmekdir.

Kärhananyň esasy maksady-onuň önümlerine bolan islegleri döwlet we beýleki alyjylar üçin kanagatlandyrmakdyr. Bu wezipe esasy bölümçeler bilen (nebitgaz çykaryjy müdirlikler, NGIZ-da esasy önümçilik sehler bilen) çözilýärler.Ýöne, bu wezipäniň ýerine ýetirilmegini bütin toplum üpjün edýär. Birleşigiň düzümine girýän bölümleriň işine olaryň ulanýan zähmet serişdeleri önümçilik prosesi, onuň guralşy we netijeleri boýunça baha berilýär. Kömekçi bölümleriň möçberleri we önümçilik kuwwatlyklary esasy önümçiligiň isleglerine görä kesgitlenilmelidirler. Netijede, birleşikleriň önümçilik-hojalyk işiniň seljerilmesinde, onuň ähli bölümleriniň ösüşiniň deňagramlylygyny hem-de esasy

kömekçi hojalyklaryň önümçilik kuwwatlyklarynyň amatly utgaşlanmagyna üns berilmelidir.

Kärhananyň iki merkezleşdirilen ýolbaşçylygyň özbaşdak hojalyk bilen utgaşmagynda guralýar. Kärhananyň iki tehniki-ykdysady görkezijileriň ulgamydyr. Bu görkezijileri ýörite sanlardan döwlet buýurmalaryndan uzak möhletleýin ykdysady normatiwlerden we limitlerden ugur alyp kärhananyň özi kesgitleýär.

Ähli tehniki-ykdysady görkezijileriň derejesini we ösüşini olaryň üýtgeýiş derejelerini öwrenmek-bu önümçilik-hojalyk işiniň seljermesiniň esasy dersidir.

Kärhana öz işini biri-biri bilen bagly bolan gelejekdäki we adaty meýilnamalara laýyklykda amala aşyrýar. Berlen serişdeleriň has netijeli ulanylmaklary üçin meýilnamanyň hemme bölümleriniň arasynda doly utgaşmanyň bolmagy zerurdyr.Netijede, meýilnamanyň bölümleriniň arasyndaky gelenleri we utgaşmany öwrenmek hem seljermäniň wezipeleriniň sanawyna girýär. Kärhananyň işinde ýüze çykýan meýilnama tabşyrygyndan gyşarmalary öz wagtynda aradan aýyrmak, kärhananyň netijeli işlemegi üçin wajyp ähmiýete eýedir. Meýilnamanyň ýerine ýetirilişiniň barşyna gözegçilik hem, seljermäniň degişli görnüşleriniň kömegi bilen amala aşyrylýar. Hojalygy dolandyrmagyň täze usulyna bir täze ulgamy geçmek kärhanany täze meýilnama tabşyryklaryny işläp düzmäge we kabul etmäge mejbur edýär.Şeýle şertlerde onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, wajyp ähmiýete eýe bolýar. Meýilnamanyň ýerine ýetirilişiniň barşyna gözegçilik etmekde we ondan gyşarmalaryň sebäplerini ýüze çykarmakda seljermäniň roly uludyr.

Şeýlelik bilen önümçilik-hojalyk işiniň seljermesiniň esasy dersi – bu kärhananyň maddy-tehniki bazasynyň ýagdaýy*

Önümçilik-hojalyk işiniň netijelerini, meýilnama tabşyryklarynyň ýerine ýetiriliş derejesini we barşyny öwrenmekdir. Kärhananyň işiniň rowaçlygy tehniki-ykdysady

görkezijileriň derejesi, meýilnama-tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişiniň derejesi bilen häsiýetlendirilýär. Şonuň üçin hem kärhananyň işini hemme taraplaýyn häsiýetlendirmek we baha bermek seljermäniň esasy wezipeleriniň biridir.

Seljermäniň barşynda alnan netijelere täsir edýän faktorlary ýüze çykarmak, olara mukdar bahasyny bermek zerurdyr.Olaryň kömegi bilen önümçiligiň tehniki derejesini (täze prosesleri ornaşdyrmak we bar bolanlary kämilleşdirmek, awtomatlaşdyrmagyň we mehanizasiýalaşdyrmagyň derejesini ýokarlandyrmak) ýokarlandyrmak, önümçiligi gurnamagy üýtgetmek (sehleri, desgalary ulaltmak, bölümleriň arasyndaky arabaglanşygy ösdürmek, kombinirlemek, enjamlaryň ulanylyşyny gowulandyrmak, bejeriş işleriniň geçirilişini, barlaghana gözegçiligini gowulandyrmak, zähmeti we dolandyryşy üýtgetmek mümkin bolar. Olaryň biri ep-esli kapital goýumyny talap edýär. Olaryň kärhananyň işiniň görkezijilerine edýän täsiri hem dürli-dürlidir.Netijede, seljermäniň esasy wezipesi geçirilýän çäreleriň hakyky ykdysady netijeliligini kesgitlemekdir. Sanalan wezipeleriň bir bölegi statistiki hasabatyň düzülmegine ýerine ýetirilýär.

Ykdyady seljermäniň esasy wezipesi-önümçiligiň netijeliligini yzygider ýokarlandyrmak üçin köp sanly ätiýaçlyklary ýüze çykarmakdyr.

Ykdysadyýetiň ösmeginde ätiýaçlyklaryň ähmiýeti uludyr. Serişdeleriň ulanylyşyny gowulandyrmagyň we zähmetiň predmetleriniň ulanylyşyny gowulandyrmagyň, iş wagtynyň harçlanmasyny azaltmagyň netijesinde zähmet öndürijiliginiň, hojalyk hasaplaşyk peýdanyň, girdejiniň ep-esli ýokarlanmagy şeýle hem özüne düşýän gymmatynyň peselmegi gazanylýar. Bu öz özüni maliýeleşdirmekde örän wajypdyr, sebäbi kärhananyň ösmegi we kämilleşmegi, onuň hemme işlerini maliýeleşdirmegiň hojalyk hasaplaşygyndaky çeşmeleriniň ösmegi, içerki ätiýaçlyklaryň hemişe ýüze çykarylmazlygynda we ulanylmazlygynda manysyzdyr.

Ätiýaçlyklaryň ýüze çykarmagyň esasy usuly bolup, tehniki-ykdysady seljerme hyzmat edýär. Tehniki-ykdysady seljerme ätiýaçlyklaryň artmagynyň düýp esasyny, onuň ösüş arabaglanşygyny we kanunalaýyklygyny ýüze çykarmaga ýardam edýär. Emma seljermäniň wezipesi şunuň bilen tamamlanmaýar. Sebäbi ätiýaçlyklaryň ýüze çykarylmagy, olaryň ornaşdyrylmagy üçin çäreleriň işlenilip düzülmegi bilen we ätiýaçlyklaryň iş ýüzüne geçirilmegi üçin has netijeli ýollaryň agtarylmagy bilen üsti ýetirilmelidir.

Kärhananyň meýilnamalaşdyrmagyň we ykdysady stimulirlemegiň täze şertlerinde işi köp derejede ykdysady girewleriň (içki zawod hojalyk hasaplaşygy, maddy stimulirleme we başgalar) dogry ulanylyşyna baglydyr seljermäniň barşynda olaryň ulanylyşyna baha berilmelidir.

Şeýlelik bilen, kärhananyň işiniň seljermesi meýilnamanyň ýerine ýetirilişini we onuň esaslanmasyny barlamaga, belli bir bölümçäniň we taraplaryň kärhananyň işiniň umumy netijelerine ýetirýän täsiriniň derejesini ýüze çykarmaga, ätiýaçlyklary ýüze çykarmaga kärhananyň işindäki kemçilikleri tapmaga ätiýaçlyklary ulanmagyň ýollaryny gözläp tapmaga mümkinçilik berýär. Ykdysady seljermede öňde baryjy tejribäni öwrenmek we ýaýratmak wajyp ähmiýete eýedir, bu bolsa işdäki diňe kemçilikleri öwrenmekden has netijelidir.

Şeýlelik bilen, tehniki-ykdysady seljermäniň wezipelerine aşakdakylar degişlidir:

a)meýilnamanyň ýerine ýetirilişiniň netijelerine hemmetaraplaýyn häsiýetnama we obýektiw baha bermek;

b)netijeleri üýtgeden sebäpleri kesgitlemek we olaryň her biriniň täsir edişine mukdar taýdan baha bermek;

ç)önümçiligiň ätiýaçlyklaryny ýüze çykarmak;

d)seljerme prosesinde ýüze çykarlan ätiýaçlyklary ulanmak boýunça çäreleri işläp düzmek;

g)aýratyn önümçilik-hojalyk çärelerini geçirmegiň has amatly we tygşytly ýollaryny kesgitlemek;

ž)kähananyň indiki döwürler üçin işiniň meýilnamasyny düzmek üçin başlangyç maglumatlary taýýarlamak.

### *1.2. Kärhanalarda analitiki işleriň guralyşy.*

Kärhanalarda geçirilýän seljermeler öz häsiýeti boýunça dürli-dürlidirler. Olar deslapky operatiw we jemleýji häsiýetde bolup bilerler. Tejribede esasan seljermäniň soňky görnüşi, ýagny jemleýji seljerme ulanylýar. Jemleýji seljerme dowam edýän ýyl gutarandan soňra we hasabat düzülenden soňra geçirilýär. Şeýle seljermäni tapgyrlaýyn geçirmek zerurdyr.

*Ilkibaşda* kärhananyň işini häsiýetlendirýän we kärhananyň ýyllyk hasabatynda görkezilen umumy görkezijileri derňeýärler, olaryň meýilnamadan hem-de geçen ýylyň degişli döwründen gyşarmalaryny ýüze çykarýarlar.

*Ikinji tapgyr* – statistiki maglumatlary öwrenmek we görkezijileriň özara baglanşygyny hem-de özara täsirini tapmakdan, aýratyn faktorlaryň ähmiýetini we umumy görkezijileriň üýtgemeginiň sebäbini ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

*Seljermäniň üçünji* tapgyrynda esasy uçastoklaryň, kömekçi hojalyklaryň işiniň doly seljermesi geçirilip, ätiýaçlyklar kesgitlenilýärler. Bu tapgyrda çig malyň we beýleki maddy-tehniki serişdeleriň ulanylyş derejesini öwrenýärler, tilsimat desgalarynyň kuwwatyny, çig malyň hilini we esasy önümiň hilini kesgitleýärler. Bütin kärhanada, aýratyn uçastoklarda we kömekçi hojalygyň bölümlerinde önümçiligi gurnamak boýunça meselelere seredýärler, öňdebaryjy tejribäni we onuň ýüze çykyş şertlerini kesgitleýärler, ýitgileri belli edýärler.

Adatça seljermäni tehniki senagat maliýa meýilnamasynyň bölümlerine görä geçirýärler. Önümçilik maksatnamasyny, kärhananyň tehniki we guramaçylyk höweslendirme gorlarynyň ulanylyşyny, maliýe görkezijilerini yzygiderlilikde seljerýärler.

*Seljermäniň dördünji* tapgyry aýry-aýry görkezijiler boýunça seljermegiň netijelerini jemlemekden we şunuň esasynda kärhananyň işni gowulandyrmak üçin has tygşytly guramaçylyk-tehniki çäreleriň işlenilip düzülmeginden ybaratdyr.

Seljerme yzygiderliligi aşakdaky ýalydyr:

- önümçilik-hojalyk işiniň umumy netijelerini öwrenmek we olara baha bermek;
- önüminiň möçberiniň we hiliniň seljermesini geçirmek;
- kärhananyň guramaçylyk-tehniki derejesiniň ykdysady seljermesi;
- esasy gorlary ulanmagyň seljermesi;
- maddy serişdeleriň we aýlaw serişdeleriň ulanylyşynyň seljermesi;
- zähmet we aýlyk haky boýunça görkezijileriň seljermesi;
- kärhananyň işgärleriniň sosial ösüşiniň seljermesi;
- daşky gurşawy goramagyň we tebigy baýlyklary netijeli ulanmagyň seljermesi;
- önümiň özüne düşýän gymmatynyň seljermesi;
- ykdysady stimulirleme fondlarynyň emele gelmeginiň we ulanylyşynyň seljermesi;
- kärhananyň maliýe işleriniň seljermesi.

Seljermäniň şeýle görnüşinde ýüze çykarylan ätiýaçlyk serişdeleri indiki döwürleriň meýilnamasyny düzmekde ulanylýar. Şeýle usulyň ýetmezçilikli tarapy hem bolup geçen prosesleriň hem-de seljermäniň geçirilýän wagtynyň arasynda dowamly pursatdyr. Bu bolsa çykarlan netijeleriň gymmaty peseldýär.

Ätiýaçlyklaryň öz wagtynda ýüze çykarylmaklary üçin, operatiw seljerme geçirmek wajyp ähmiýete eýedir. Operatiw seljermede önümçiligiň netijeli gurnalmagynyň bozulmagy sebäpleri bilen bilelikde bellenilýär we olary aradan aýyrmak boýunça çäreler kesgitlenilýär. Ýöne seljermäniň şeýle görnüşi ýörite guramaçylygy we harajatlaryň dürli görnüşlerine, tehnikanyň, tehnalogiýanyň, önümçiligi gurnamagyň

ýagdaýyna operatiw gözegçiligi bölümleriň, önümçilik bölümleriniň arasynda paýlamagy talap edýär.

Tehniki ýolbaşçylygyň düzümindäki organlar (tehniki, önümçilik bölümler, baş mehanigiň bölümi, baş energetigiň bölümi, geologiýa bölümi, abzalçylar) tehnikany we tehnalogiýany kämilleşdirmek bilen bagly bolan. Şeýle hem önümiň hiliniň ýokarlanmagy, bejeriş işlerine harajatlaryň azaldylmagy, energiýanyň we maddy-tehniki serişdeleriň beýleki görnüşleriniň tygşytlanylmagy bilen baglylykda emele gelen ätiýaçlyk serişdelerini ýüze çykarýarlar.

Zähmet bölüminiň işgärleri işçi güýjüniň ulanylyşyna, Zähmete tölegleriň görnüşleriniň önümçiligiň derejesine gabat gelmegine, iş wagtynyň ulanylyşyna gözegçilik edýärler.

Tablisa № 1.

| Seljermäniň tapgyrlary | Tapgyryň mazmuny | Ýerine ýetiriji |
|---|---|---|
| 1.Seljermäniň mazmunyny düzmek. | Seljermäniň maksady we geçirilmeginiň ähmiýetliligi, obýekti saýlap almak, ýerine ýetirmegiň çyzgydy, usulyýeti, ýerine ýetirijileri kesgitlemek. | Tehniki-ykdysady bölüm, meýilnama bölümi |
| 2.Seljermede ulanylýan maglumatlary barlamak toparlamak. | Maglumatlary ýygnamak, ýygnalan maglumatlaryň hilini barlamak, olaryň deňeşdirilmäge ýaramlylygy. | Önümçilik bölümler we degişli hünärment bölümler. |

| | | |
|---|---|---|
| 3.Seljerilýän maglumatlary öwrenmek, işlemek. | Işe baha bermek we görkezijileriň derejesi gyşarmalary kesgitlemek, aragatnaşyk, kämilleşdirmegiň kesgitlemesi. | Önümçilik bölümler ýa-da dolandyryşyň funksional bölümleri. |
| 4.Tehniki-ykdysady görkezijileriň gowulandyrylmagy boýunça çäreler. | Tehniki-ykdysady görkezijileriň gowulandyrmak boýunça taslama düzmek (çäreleri) | Önümçilik bölümler ýa-da dolanyryşyň funksional bölümleri. |
| 5.Seljermäniň netijelerini umumylaşdyrmak we resmileşdirmek | Netijeleri we teklipleri düzmek. Tejribeleriň netijeliliginiň hasabyny we olaryň täsirini hasaplamak. | Tehniki-ykdysady seljerme bölümi, meýilnama bölümi. |

Maddy-tehniki üpjünçilik we maliýe bölüminiň işgärleri maddy gymmatlyklaryň ätiýaçlyklarynyň normatiwlerini azaltmagyň mümkinçiliklerini, esasy we kömekçi materiallaryň, reagentleriň, katalizatorlaryň we başgalaryň daşalmagy üçin çykdaýjylary azaltmagyň ýollaryny agtarýarlar.

Önümçilik bölümleriniň işgärleri öz işleriniň seljermesini geçirmek bilen, kemçilikleri açýarlar we olary aradan aýyrmak boýunça çäreleri belleýärler.

Meýilnama bölümi, hem-de tehniki-ykdysady seljeriş bölümi ähli seljerme işlerini gurnaýarlar we usuly ýolbaşçylygy amala aşyrýarlar. Olar seljermäniň maksatnamasyny taýýarlaýarlar, şol bir hojalyk işini amala aşyrýan kärhanalaryň işi barada maglumat taýýarlaýarlar, seljerme işiniň netijelerini umumylaşdyrýarlar, önümçiligi kämilleşdirmek boýunça teklipleri bir ulgama salýarlar hem-de

ornaşdyrmaga has laýyklaryny saýlap almak bilen olara baha berýärler.

Operatiw seljermäni geçirmek esasy orun köp kärhanalarda döredilýän tehniki-ykdysady seljerişiň jemgiýetçilik bölümine degişlidir.

Operatiw seljerme tutuş we saýlanan görnüşinde bolup biler. Dürli döwürlerde, öňde goýlan wezipä baglylykda, kärhananyň aýratyn bölümleriniň işi, onuň işiniň dürli taraplary, serişdeleriň ulanylşy öwrenilip bilner.

Seljerme tehniki we ykdysady guramaçylyk çözgütleriniň netijeliligini, tehnikanyň, tehnologiýanyň we önümçiligi gurnamagyň ýagdaýyny öwrenmäge gönükdirilip bilner.

Ulgamlaýyn operatiw seljerme meýilnamany düzmegiň we operatiw ýolbaşçylygyň hilini gowulandyrmaga mümkinçilik berýär.

Deslapky seljerme önümçiligiň barşyny we onuň netijelerini kesgitlemekden ybaratdyr. Bu önümçiligiň gidişinde mümkin bolan bozulmalary duýdurýan ylmy maglumatdyr. Ýöne seljerme işiniň şeýle usuly tejribe az ulanylýar, sebäbi bu görnüşiniň usulyýeti doly işlenilip düzülen däldir. Öwrenilýän öz içine alýan prosesslerine baglylykda, seljerme umumy we bölekleýin bolup biler.

Umumy seljermäniň dersi bütin kärhananyň hojalyk işi bolup biler, bölekleýin seljermäniň dersi onuň aýratyn taraplary ýa-da bölümçeleri bolup bilerler. Bölekleýin seljermede kärhananyň guramaçylyk-tehniki derejesi, ulanylýan maddy höweslendirmegiň ulgamynyň netijeliligi, maddy üpjünçiliginiň netijeliligi öwrenilýär.

Önumçilik-hojalyk işiniň seljermesiniň oňat netijeleri bermegi üçin, ol şeýle bolmalydyr.

***a)***tehniki-ykdysady, ýagny şol önümçiligiň anyk aýratynlyklaryny hasaba almak bilen, tehnikany, tehnologiýany we önümçiligiň ykdysadyýetini bilmek bilen we anyk faktorlaryň ahyrky netijelere täsirine mukdar taýdan baha

bermek bilen, şeýle hem ulanylmadyk ätiýaçlyklaryň ahyrky netijelere ýetirýän täsirine mukdar bahasyny bermek bilen geçirilýär. By ätiýaçlyklaryň adaty ýa-da geljekdäki meýilnamalarda ulanylyş derejesi kesgitlenilýär.

***b)***seljerme operatiw bolmalydyr, ýagny örän gysga möhletde amala aşyrylyp onuň netijeleriniň öz wagtynda degişli bölümlere ýetirilip, bu bölümleriň işgärleri tarapyndan zerur bolan çäreleriň kabul edilmegini üpjün etmelidir.

***ç)***toplumlaýyn ýa-da kärhananyň işiniň hemme taraplaryna we olaryň arabaglanşygyna seredýän bolmalydyr;

d)obýektiw bolup, ylmy taýdan esaslandyrylan usullaryň esasynda amala aşyrylmalydyr, önümçilik, tehniki we ykdysady işlerine bilelikde seretmek ýoly bilen geçirilmelidir.

Şonuň üçin hem ykdysady seljerme kärhananyň önümçilik-hojalyk işiniň görkezijileriniň özara baglanşykda toplumlaýyn öwrenilmegini talap edýär.

## *1.3.Seljermäni geçirmegiň usullary.*

Ykdysady seljermäniň usuly diýip, kärhananyň önümçilik-hojalyk işini öwrenmäge giriş usullaryna düşünilýär. Seljerme prosessleriň, hadysalaryň deňeşdirilme, matematiki modelirleme usullarynyň ulanylmagyna esaslanylandyr.

Seljerme prosessinde dinamika, toparlama, ortaça ululyklar, grafiki usullar giňden ulanylýar.

Hemme öwrenilýän prosesslerine dinamikada seretmek seljermäniň üýtgewsiz şertidir.

*Hojalyk işiniň görkezijilerini detallaşdyrmak.* Seljerme – bu bütewiligi düzüm böleklerine bölýän, predmetleri we hadysalary öwrenmegiň usulydyr. Şeýle detallaşdyrma hojalyk prosesini öwrenmegiň çuňlugyny hem-de anyklygyny üpjün edýär, ahyrky netijäni şertlendirýän sebäplerini açmaga mümkinçilik berýär.

Ykdysady seljermede tehniki-ykdysady görkezijileri wagt boýunça, ýeri boýunça hem-de aýratyn düzüm bölekleri

boýunça detallaşdyrýarlar. Ähli prosesslere dinamikada seretmek ykdysady seljermäniň şertidir.

Wagt boýunça detallaşdyrmada ýyl boýunça görkezijiler çärýekler, aýlar, gije-gündiz, çalşyklar boýunça detallaşdyrýarlar. Şeýle detallaşdyrma has pes we ýokary görkezijileri ýüze çykarmaga, üýtgeýiş tendensiýasyny kesgitlemäge, has amatly şertleri ýüze çykarmaga, işdäki has amatly şertleri, prosessiň geçişiniň deňölçegsizligi ýüze çykarmaga ortaprogres görkezijileri kesgitlemäge ýardam edýär. Wagt boýunça detallaşdyrmany gije gündizdäki öndürijiligi tilsimat desgalarynyň bejeriş ara döwri, önümiň çykyşy, iş wagtynyň ulanylyşy seljerilende ulanylýar.

Esasan aýratyn toparlaryň oňat görkezijilerini ýüze çykarmaga we olaryň bu görkezijileri gazanan şertlerini öwrenmäge ähmiýet berilýär. Jemleýji görkezijiler aýratyn guramaçylyk bölümleriniň işleriniň görkezijilerinden düzülýärler. Şonuň üçin hem aýratyn bölümleriň umumy görkezijilere ýetirýän täsirini kesgitlemek üçin olary saýlamak zerurdyr. Meselem, hasabat döwründe kärhanada energiýanyň artykmaç harçlanmasy boldy, munuň sebäbini anyklamak üçin, esasy önümçiligiň haýsy bölüminde energiýanyň artykmaç harçlanmasynyň bolandygyny anyklamak zerurdyr, ýagny hadysanyň bolup geçen ýeri boýunça detallaşdyrma geçirmeli. Beýleki harajatlaryň, ýagny işçi güýjüniň, umumy seh, umumy zawod, maddy-tehniki serişdeleriň harçlanmasyny hem şeýle usul bilen seretmek talap edilýär.

*Görkezijileri düzüm bölekleri boýunça aýry-aýrylykda öwretmek.* Düzümini ýüze çykarmaga, aýratyn düzüm böleginiň ähmiýetini kesgitlemäge, ahyrky netijelere täsir edýän faktorlary ýüze çykarmaga, düzüm bölekleriň haýsynda has oňat ykdysady netijeleriň gazanylmagyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Önümçiligiň ätiýaçlykdaky serişdelerini ýüze çykarmak üçin, önümçiligiň tehniki derejesiniň görkezijilerini aýratyn düzüm bölekleri boýunça öwrenmek wajyp ähmiýete eýedir.

Önümçiligiň tehniki derejesi diýlip, desgalaryň kuwwatlylygyny tehnologik shemsyna, önümçiligiň awtomatlaşdyrylmagyna düşünilýär. Detallaşdyrmagyň dürli görnüşliligi – umumy görkezijiniň üýtgeýşini faktorlar boýunça öwrenmekdir.

Detallaşdyrma usulynyň birinji tapgyrynda ýüze çykarylan düzüm bölekleri soňrak öwrenilmäge sezewar edilýärler, bu bolsa yzygiderli açylyş usuly diýlip atlandyrylýar.

Faktorlaryň başga usullar bilen ýetirýän täsirini anyklamak çylşyrymlydyr, ýöne olar ahyrky netijelere çynlakaý täsirini ýetirip bilerler we içki ätiýaçlyk serişdelerini ýüze çykarmakda uly ähmiýete eýe bolup bilerler.

*Deňeşdirme usuly* – seljermäniň esasy usulydyr. Hemme ykdysady derňemeler deňeşdirmegi talap edýärler. Ykdysady seljermäniň esasy usuly bolan deňeşdirme, hojalyk işini hemme taraplaýyn derňemäge, onuň häsiýetnamasyny derňemäge, tehniki ykdysady – görkezijileri gowulandyrýan faktorlary anyklamaga uly mümkinçilik berýär.

Derňeme prosessiniň maksadyna baglylykda, hakyky netijeleri meýilnama bilen, şeýle hem degişli döwrüň görkezijileri bilen deňeşdirýärler.

Hakyky görkezijileri meýilnama görkezijiler bilen deňeşdirmek meýilnamanyň ýerine ýetirilişini kesgitlemäge kömek edýär. Meýilleşdirilýän döwürde kärhananyň işiniň kemçiliklerini ýüze çykarmaga, meýilnama boýunça tertip-düzgüniň bozulmalaryny öwrenmäge mumkinçilik berýär.

Hakyky netijeleriň geçen ýyllaryň degişli döwrüniň netijeleri bilen deňeşdirmek bolsa, üýtgeýiş tendensiýalaryny kärhananyň gazananlaryny häsiýetlendirmäge, ösüş depginini öňe ilerlemeleri kesgitlemäge ýardam berýär.

Esasan hem gazanylan görkezijileri öňdebaryjy kärhanalar şeýle görkezijileri bilen, öňde baryjy toparlaryň gazananlary bilen, daşary ýurt maglymatlary bilen deňeşdirmek, ätiýaçlyklaryň ýüze çykarylmagynda uly

ähmiýete eýedir. Bularyň hemmesi öňde baryjy tejribäni açyp görkezmäge, kärhananyň we onuň bölümleriniň işindäki kemçilikler kuwwatlyklaryň, ätiýaçlyk serişdeleriniň ulanylyş derejesini öwrenmäge mumkinçilik berýär.

Deňeşdirmäni geçirmek üçin, görkezijileriň deneşdirerlikligini üpjün etmek talap edilýär. Hususan hem ýeke-täk mukdar bahasyny, işiň birmeňzeş döwrüni görkezijileri hasaplamagyň ýeke-täk usulyny, ýeke-täk hil häsiýetnamasyny kabul etmek talap edilýär. Özara çalşylmagy mümkin bolan, harajatlar deňeşdirilende şertleýin birmeňzeş hilli bahalar kabul edilmelidirler. Meselem, buguň ýa-da elektrik energiýasyny harçlanmasy deňeşdirilende, olary bilelikde seljermek zerurdyr, şertleýin ýangyjyň harçlanmasynda, ýa-da hemmesini buguň ýa-da elektrik energiýasynyň harçlanmasyna getirmeli.

Ortaça we özgerdilen görkezijiler usuly. Ykdysady özgertmalere häsiýetnama bermek üçin, prosessiň ýagdaýyna baha bermek üçin ykdysady seljermede ortaça ululyklaryň usuly giňden ulanylýar. Ortaça baha berlen toparyň hemme prosessleri üçin umumy bolan esasy tendensiýany häsiýetlendirýär.

Derňemegiň maksadyna baglylykda orta arifmetiki orta garmoniki, mediana ýaly bahalary diňe bir görnüşli kesgitlemek mümkindir. Şunda ortaça bahalary diňe bir görnüşli hadysalary häsiýetlendirmek üçin ulanmak zerurdygyny hasaba almak zerurdyr.

Ätiýaçlyk serişdeleriniň ýüze çykarylmagy üçin, bu toparyň aýratyn düzüm bölekleriniň hakyky häsiýetleri uly ähmiýete eýedirler.

*Toparlama usuly.* Ykdysady seljermede toparlama usuly birinji derejeli ähmiýete eýedir. Bu usulyň manysy çylşyrymly we köp görnüşli hadysalary bar bolan düýp alamatlary boýunça ýönekeý toparlara bölmekden ybaratdyr.

Hadysalary wajyp alamatly we wajyp däl alamatly bolýarlar. Seredilýän hadysalary wajyp alamatlary boýunça

toparlamak kanunalaýyklygyň, sebäpleriň we arabaglanşyklaryň ýüze çykarylmagyna kömek edýär. Bu usul boýunça çykarylýan netijeleri dogrulygy toparlamagyň ylmy esaslanmasyna baglydyr. Ýalňyş, ylmy esassyz toparlama, seljermede alnan hemme netijeleriň gymmatyny azaldýar.

Toparlama we kombinirlenen tablisalar görkezijileriň arasyndaky arabaglanşygy, üýtgeýiş tendensiýalaryny anyklamak üçin giňden ulanylýarlar.

*Yzygiderli çalşyrma usuly.* Aýratyn faktorlaryň seredilýän hadysa ýetirýän täsirini mukdar taýdan kesgitlemek üçin, *eliminirleme* usuly ulanylýar. Eliminirleme usulynyň manysy – bu bolsa öwrenilýän görkezijä ähli faktorlaryň täsiri hasaba alynmany, diňe bir faktoryň täsiri öwrenilýär. Eliminirleme usulyny yzygiderli çalşyrma usuly bilen amala aşyrmak mümkin. Eliminirleme usulynda görkezijä täsir edýän faktorlaryň birinden beýlekisi üýtgetmän galan ýagdaýynda, jemleýji görkezijiniň nähili üýtgejekdigini görkezýän kömekçi ululyk kesgitlenilýär.

Yzygiderli çalşyrma usuly hususy görkezijileriň ulgamy bilen, çylşyrymly görkezijiniň onuň düzüm böleklerine dargadylmagy bilen üznüksiz baglydyr. Ol aýratyn faktorlaryň ýetirýän täsiriniň möçberini kesgitlemäge ýardam edýär. Dogry netijeleri almak üçin, çalşyrmagyň tertibi örän wajypdyr. Ol öňinçä özarabaglanşygyň ykdysady manysyny öwrenmäge talap edýär. Ýöne ilkibaşda mukdar taýdan täsir edýän faktorlaryň, soňra bolsa hil taýdan täsir edýän faktorlaryň hasabyna üýtgemeleri kesgitlemek kabul edilendir. Haçan-da umumy üýtgeme we birinden beýleki hemme faktorlaryň çylşyrymly görkezijä ýetirýän täsiri belli bolanda, şol bir faktoryň ýetirýän täsirini şol görkezijiniň umumy üýtgemesiniň we beýleki faktorlaryň hasabyna üýtgemesiniň arasyndaky tapawut boýunça, ýagny galyndy usuly bilen kesgitlemek mümkin. Usul örän ýönekeý bolup, ony esasa deňeşdirmek usuly arkaly ulanylýar, sebäbi öňki hasaplamalarda ýalňyşlyklaryň bolmagy mümkin. Bu usuly hemme faktorlaryň

täsirini hasaplamak we soňra jemlemek bilen, hasaplamalaryň dogrulygyny barlamakda ulanmak maksadalaýykdyr. Umumy jem umumy tapawutlanma bilen gabat gelmelidir.

*Grafiki şekillendirme usuly.* Ykdysady seljermede gafiki şekillendirme usulyny giňden ulanýarlar. Wagtlaýyn zolaklary we paýlanmalary seljermek we olara baha kesmek.

Grafigynyň ýa-da diagrammanyň koordinata okunda grafiki ýa-da diagramma gurmak iki sany üýtgeýän ululygy baglaýar. Olary argumentiň degişli bahasy boýunça funksiýany çalt tapmak üçin ulanýarlar. Seljermede deňeşdirme diagramma tapmak üçin ulanýarlar, deňeşdirme diagrammalaryny, korrelýasiýa meýdanlaryny, ýagny diagrammalaryň dürli görnüşleri ulanylýar. Esasan hem diagrammalary meýilnama görkezijileri hasabat görkezijileri bilen deňeşdirmek üçin, görkezijileriň wagt boýunça üýtgemegini häsiýetlendirmek, ol ýa-da beýleki hadysanyň düzümini görkezmek üçin giňden ulanylýar.

Ykdysadyýetde her bir görkeziji, her bir hadysa, bir wagtda täsir edýän köp sanly faktorlara bagly bolýar. Başgaça aýdylanda, ykdysady hadysa dürli faktorlaryň uly göwrümli ulgamy hökmünde häsiýetlendirilýär. Köplenç olar tötänlik, kesgitsizlik häsiýetli bolup, hadysalaryň arasyndaky baglanşyk ähtimallyk häsiýetine eýe bolýarlar. Şeýle ýagdaýlarda görkezijileriň we faktorlaryň arasyndaky özara baglanşygy öwrenmek üçin, korrelýasiýa seljermesiniň usullaryny ulanýarlar.

Bu usullaryň artykmaçlygy, olaryň kömegi bilen dürli faktorlaryň täsir ediş derejesine mukdar taýdan baha bermek mümkin. Meselem, korrelýasiýa seljerme usulynda kwalifikasiýaly işçi düzüminiň, olaryň işiniň dowamlylygyny zähmet öndürijiligi, tutuş önümiň möçberi, önümiň özüne düşýän gymmaty ýaly görkezijilere edýän täsiriniň derejesine baha bermek bolýar. Işgärleriň zähmet öndürijiligi olaryň iş tejribesine baglydyr, ýöne ol bu görkezijini kesgitleýji däldir, sebäbi zähmet öndürijiligine önümçiligiň tehniki we

guramaçylyk derejesi we başga faktorlar täsir edýärler, ýagny bu ýerde funksional däl-de korrelýasiýa baglanşygy bolýar.

Arabaglanşygy toparlamanyň kömegi bilen gurnamak mümkin, ýöne arabaglanşygyň arasyndaky jebisligi korrelýasiýa derňemesini düzmek we korrelýasiýa koeffisiýentini ýa-da korrelýasiýa indeksini kesgitlemek bilen mümkindir. Soňky ýyllarda ykdysadyýetde matematiki usullaryň giňden ornaşdyrylmagy bilen, kärhananyň önümçilik-hojalyk işiniň ahyrky jemleýji görkezijilerine aýratyn faktorlaryň täsirine mukdar taýdan baha bermek üçin korrelýasiýa we regressiw seljerme usullaryny ulanmak boýunça, prosessleriň matematiki beýan edilmegi üçin uly derňewler geçirilýärler.

Köpfaktorly korrelýasiýa we regression moddel öwreniýän görkezijä faktorlaryň diňe bir mukdar taýdan täsirini aňlatmaga mümkinçilik bermäni, eýsem funksiýalaryň roluny öňünden aýtmaga, netijede bolsa seljerilýän görkezijini doly öwrenmäge mümkinçilik berýär. Şeýle seljermäniň netijelerini gönüden-göni meýilnama tabşyryklaryny işläp düzmek üçin ulanmak mümkin.

Matematiki modelleri çylşyrymly ykdysady prosesslere häsiýetli bolan içki kanunalaýyklyklary bilmek we umumylaşdyrmak, şeýle hem meýilleşdirmek we bu ykdysady prosessleri doly öwrenmek üçin ulanýarlar.

Matematiki modelleri ulanmak bilen dolandyrmagyň esaslanmasy olarda hakyky ekonomiki prosessleriň görünmeginiň hakykylygyna we anyklygyna baglydyr. Sebäbi ykdysady prosessler köp dürli faktorlara baglydyrlar, modelde öwrenilýän prosessiň wajyp taraplary görkezilmelidir. Meselem, peýdanyň möçberi hatda işgärler iş tejribesine, olaryň ýaşaýyş-durmuş derejelerine hem baglydyr. Emma şeýle baglylygyň derejesi uly däldir, şonuň üçin hem bu faktorlary modele girizmek maksada laýyk däldir.

Seljermede modelirleme usulynyň manysy, käbir prosessleriň gönüden-göni derňelmesiniň, onuň modelini öwrenmek bilen baglydygyndan ybarat.

Şunda modeli öwrenmegiň netijesinde alnan netijeler, modelirlenýän obýektde geçirilýärler. Modelirleme ulgamy häsiýetlendirýän faktorlar baradaky we olaryň ulgamdaky arabaglanşygy aňladýan matematiki formulalary agtarmakdan ybaratdyr. Häzirki wagtda göni çyzykly programmirlemegi ulanmak bilen, amatly önümçilik maksatnamasynyň, enjamlary amatly ýüklemegiň, nebit önümleriniň garyşmagynyň, zähmet öndürijiliginiň amatly şertleriniň matematiki modelleri işlenilip düzülýärler. Bu amatly çözgütler model hökmünde ulanylýarlar. Hakyky netijeleri model görkezijiler bilen deňeşdirmek bilen, tapawutlanmalary we olaryň sebäplerini kesgitleýärler, netijede amatly modele golaý netijeleri gazanmak boýunça çäreleri işläp düzýärler.

Amatly meýilnamanyň birnäçe meselelerini çözmegiň algoritmine eger bir çäklendiriji faktor bir birlik gowulandyrylsa, ahyrky netijeleriň näçe gowulanjakdygyny görkezýän hakyky şertli bahalaryň kesgitlenilmegi hem girizilendir.

Meselem, amatly oňat önümçilik meýilnamasy işlenilip düzülende, çäklendirme hökmünde desgalaryň kuwwatlylygyny kabul edýärler. Eger amatly meýilnamada ol doly ulanylmasa, onda meselem kärhananyň peýdasynyň näçe ýokarlanjakdygy, eger kuwwatlylygy 1tn ýokarlandyrsaň näçe artjakdygy bir wagtyň özünde kesgitlenilýär. Şeýle bahalaryň alynmagy önümçiligi we zähmeti guramakda ulanylýan tehnikany kämilleşdirmäge ýol berýär.

Seljermäni geçirmek üçin maglumatlar çeşmesi bolup, hasabat maglumatlary, ilkinji resminamalar, adaty hasaplaryň maglumatlary , birwagtdaky hem-de ýörite derňewler, tehniki resminamalar, meýilnama we normatiw maglumatlar hyzmat edýär.

Kärhananyň hasabatynda, onuň işiniň umumy häsiýetnamasyny düzmäge mümkinçilik berýän maglumatlaryň uly göwrümi bolýar, olary toparlamak we deňeşdirmek bolsa, ol ýa-da beýleki görkezijileriň üýtgeýiş derejesini, sebäbini we baglylygyny kesgitlemäge ýardam berýär. Kärhananyň hasabatyndaky gije-gündizdäki öndürüjilik desgalaryň wagt boýunça işleýşini ulanmak, olaryň saklanylmaklarynyň sebäpleri, çig maly ulanmagyň derejesi, öndürilen önümiň möçberi, esasy we aýlaw serişdeleriniň möçberi, önümiň özüne düşýän gymmaty, işleýän işgärleriň sany, zähmet öndürijiligi we başgalar öz beýanyny tapýarlar.

Ýöne ätiýaçlyk serişdelerini ýüze çykarmak maksady bilen geçirilýän çuňňur seljerme üçin, bu maglumatlar ýeterlik däldir. Detallaşdyrma üçin, ykdysady hadysalary yzygiderli açmak üçin, arabaglanşyklary kesgitlemek üçin, ilkinji hasabatyň maglumatlaryny (wahta žurnallary, haryt ulgamlar žurnallary, materiallara bolan talapnamalar we namalar we başgalar) ulanmak zerurdyr.

Seljerme prosessinde şeýle hem, tehnikanyň, tehnologiýanyň we önümçiligi gurnamagyň ýagdaýyny häsiýetlendirýän adaty materiallar ulanylýarlar. Bu maglumatlara enjamlaryň pasportlary we araçäkleri, tehnologik kartalary, şikes resminamalary, önümiň hiliniň sehara normalary, maddy gymmatlyklaryň harçlanma kadalary, hünärmenler düzgünnamasy we başgalar degişlidirler.

Ätiýaçlyk serişdelerini ýüze çykarmak üçin, ýörite seljermeleri geçirýärler. Bu seljermeler-öňdebaryjy tejribäni öwrenmegiň, onuň ýüze çykmagynyň, ýaýramagynyň şertlerini öwrenmek üçin oňat usulydyr.

## Bap-II.
## Onümiň hiliniň, göwrüminiň, görnüşiniň ykdysady seljermesi.

### *2.1.Önümiň hiliniň¸ göwrüminiň¸ görnüşiniň meseleleri we çeşmeleleri.*

Kärhananyň önümçilik meýilnamasynyň ýerine ýetirilişiniň seljermesi ykdysady seljermäniň örän möhüm bölegidir. Ozaly bilen munuň özi önümçilik meýilnamasynyň esasy bölümleri bolup durýan senagat önüminiň çykarylyşyny artdyrmak we onuň hilini ýokarlandyrmak wezipesine jemgyýetçilik durmuş--ykdysady taýdan ösdürmegi çaltlandyrmagyň aýrylmaz bir bölegi hökmünde garalýandygy bilen kesgitlenilýär.

Durmuş-ykdysady ösüşi çaltlandyrmagyň strategiýasy diňe ykdysady ösüşiň depginlerini ýokarlandyrmakdan ybarat bolman, esasan ösüşiň täze hilinden ybaratdyr, ol bolsa ykdysady ösüşiň maksatlaýyn ugrukdyrylyşyny durmuş wezipeleri çözmegiň tarapyna güýçlendirmekden, edil şonuň ýaly-da jemgyýetçilik önümçiligini hemme çäreler arkaly intensifikasiýalaşdyrmakdan ybaratdyr.

Öz gezeginde jemgyýetçilik önümçiligiň intensifikasiýasy önümiň artyşy, esasy önümçilik fondlary, zähmet we material resurslar has gowy peýdalanylan wagtynda gazanylýar hem-de ol az çykdaýjy sarp edilen wagtynda has uly netijeleri üpjün etmegiň, onuň netijelerini ýokarlandyrmagyň esasy ugry bolup durýar. Şunuň ýaly şertlerde önüm çykarmak meýilnamasynyň ykdysady seljermäniň esasy wezipesi meýilnamanyň önümçilik kuwwatlyklaryndan mümkin boldugyça peýdalanyp, meýilnamaň esaslylygyny öwrenmekden, önümçiligi gyşarnyksyz güýçlendirmegiň ýagdaýlaryny ýüze çykarmakdan

we onuň ýollaryny baha bermekden, kärhanada bar bolan mümkinçilikleri hem-de olaryň peýdalanyş derejesini, önüm çykarmagyň artdyrylyşynyň rezerwlerini mobilizlemekden ybaratdyr. Meýilnamanyň ýerine ýetirilmegini hem-de artygy bilen ýerine ýetirilmegini çpjçn edýän şertleri, onuň aýry-aýry pozisiýalar we aýry-aýry döwürler boýunça ýerine ýetirilmezliginiň sebäplerini öwrenmeklige aýratyn üns berilmelidir.

Ykdysady seljermede göwrüminiň¸ görnüşleriň we önümiň hili bilen bagly ähli görkezijileri kesgitlenýär.

Seljerme döwründe döwlet buýurmalara we ulanyjylaryň buýurmalaryna¸ önümiň görnüşlerine hiline¸ göwrümine baha bermeli.

Seljemesiniň çeşmesi bolup ýyllyk¸ çärýeklik, aýlyk hasabatlar, düşündiriş ýazgylary hyzmat edýär.

Seljerme shema boýunça aşakdaky görnüşde kesgitlenýär.

1)edaranyň önümçilik meýilnamasynyň ösüşi.

2)olaryň dürli sebäpleri.

3)önümçilik meýilnamasynyň aýry sehleriň¸ tehnologik enjamlaryň¸ olaryň üýgeýşiniň ösüşiniň kesgitlemek.

4)Bölümleriň edaranyň iş netijesine täsirini kesgitlemek.

Seljermäniň dowamynda önümçilik ätiýaçlyklary ýüze çykarmaly¸ netijeleri we teklipleri hödürlemeli.

## *2.2. Nebit gaz kärhanalarynyň önümcilik meýilnamasynyň seljermesi.*

*Önümçilik meýilnama* – bu edaranyň esasy önüminiň meýilnamasy.

Nebit gaz gazly uprawleniýalarda esasy maksat nebit¸ gazy¸ gaz kondensatyny olary daşaýan edaralara tabşyrmak¸ hem-de nebiti gaýtadan işleýän¸ gazy gaýtadan işleýän zawodlara eltmek.

Nebit-gaz gözleg uprawleniýelerde – önümiň göwrümini meýilleşdirýärler hem-de haryt we jemi önüm görnüşinde hasaba alýarlar.

Önüme baha bermek üçin ýyllyk meýilnamalarda önümiň göwrümini ýerleşdirmek boýunça görkezijiler kesgitlenýär.

*Ýerleşdirilen önüm* diýip alyjy tarapyndan tölenen önüme aýdylýar.

Önümçilik birleşikleriň hojalyk işiniň netijeleri jemlenende aşakdaky görkezijiler boýuça bahalandyrylýar:

- kabul edilen şertnamalara laýyklykda önümi ýerleşdirmek boýunça meýilnamaryň ýerine ýetirilişi;
- nebiti(gaz kondensaty) hem-de tebigy gazy gözlemek.

Yerleşdirlen önümiň göwrümi lomaý bahalarda meýilleşdirilýär hem-de hasaba alynýar:

G=A1+S1+S2+Vn-A2-S3

G – ýerleşdirilen önümiň göwrümi

A1 – nebitiň we gazyň ätiýaçlygy

S1 – ulanyjylara tabşyrylan nebitiň we gazyň bahasy

S2 – ulanyjylara tabşyrylan ýöne tölenmedik nebitiň gazyň bahasy

Vn – haryt önümiň göwrümi

A2 – meýilleşdirilýän nebitiň we gazyň bahasy

S3 – ulanyjylara tabşyrylan doly wagty gelmedik nebitiň gazyň bahasy.

Ulanyşda işleriň göwrümi skwažina-aýlarda hasaplanýar. Bir skwažina aý-bu bir skwažinanyň bir aýyň dowamynda işlän wagty (30 gün ýa-da 720 sagat)

Aşakdaky görkezijileri tapawutlandyrýarlar:

**1**.Skwažinalaryň ulanyş fondynyň koeffisiýentini ähli sakwažinalaryň jemi ulanyş wagtynyň kalendar boýunça ulanylşyna bölmeli.

$$Ku = \frac{Su}{Ssu} = \frac{tu \cdot 720}{720 \cdot tgu} = \frac{tu}{tgu} ge$$

Skwažinalaryň öndürijiligi ýa-da olaryň intensiw ulanylşy wagt birliginde nebitiň we gazyň gazylyp alnyşynda ölçelýär. Nebit-Gazy gaýtadan işleýän uprawleniýede skwažinanyň öndürijiliginiň 2 sany esasy görkezijileri ulanylýar: skwažinanyň sutkada bir tonna ortaça gün debiti hem-de ortaça aýlyk skwažina-aý ulanyş debiti.

Nebit-gaz gazyp alýan uprawleniýanyň önümçilik meýinasynyň seljermesini nebitiň, gazyň alynmagynyň esasy görkezijilerini bahalandyrmakdan başlamaly. Şeýle-de olaryň geçen döwür ýa-da esasy döwür bilen deňeşdireniňde üýtgemegine seretmeli. Şeýle maksady ýerine ýetirmek dinamiki hatarlar ulanylýar.

Görkezilen mysalda nebiti gazyp almak boýunça meýilnama ýerine ýetirildi¸ ýagny meýilnamadan artygy bilen 52,8 müň tonna nebit gazyp alyndy. Geçen ýyl bilen deňeşdirinimizde nebitiň jemi gazylyp alynmagy 1647,3 müň tonna ýokarlandy (11,4%).Onümiň jemi göwrümi - 18120,3 müň manat (11,4%).

Nebitiň gazylyp alynmagy esasanam üç ýagdaýa bagly¸ ýagny:

*1)skwažinanyň ortaça debiti* - *q*,
*2)ulanyşda işleriň göwrüminden* - *s*,
*3)ulanyşda koeffisiýent – kэ.*

Tablisa № 2.

| Görkezi-jiler | Geçen ýylda | Hasabat ýylda | | Degişllikde ösüş | | Degişlilikde ösüş depgini,% | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Meýil-nama boýunça | Haky-katda | Meýil-nama bilen | Geçen ýyl bilen | Meýil-nama bilen | Geçen ýyl bilen |
| Jemi nebitiň gazylyp alynmagy, müň man. | 14451,9 | 16046,4 | 16099,2 | 55,8 | 1647,3 | 100,3 | 111,4 |
| Onümiň jemi göwrümi müň man. | 158970,3 | 1766510,4 | 177091,2 | 580,8 | 18120,3 | 100,3 | 111,4 |
| Ulanyşda işleriň göwrümi, skw/aý | 12170 | 13300 | 13000 | -300 | 830 | 97,7 | 106,8 |
| Ortaça aý debit ulanyş t/skw,aý. | 1250 | 1270 | 1290 | 20 | 40 | 101,5 | 103,2 |
| Ulanyş koeffisiýen-ti. | 0,95 | 0,95 | 09,6 | 0,01 | 0,01 | 101,0 | 101,0 |

*Dowamyna işlän wagty (30gün ýa-da 720sagat).

### *2.3.Nebit gaýtadan işleýän kärhanalarynyñ önümcilik meýilnamasy.*

Nebiti gaýtadan işleýän we nebithimiýa kärhanalarynyň öndurýän önumiň gowrümi ýerleşdirilen harytlyk jemi önum bilen häsiýetlendirilýär.

Harytlyk önümiň düzümine ähli taýýar önümler girýär.

Jemi önüm öz içine ähli taýýar önümleri, ýarym taýýar önümleri, hyzmatlary alýar.

Jemi önümiň, harytlyk önümiň ýerleşdirilen önumiň dinamikasyny hakyky gazanylan netijeler bilen hem-de meýilnama netijeleri bilen deňeşdirilýär.

Mysal üçin:

Tablisa №3.

| Görkezijiler | Geçen ýyl | Hasabat ýyly | |
|---|---|---|---|
| | | Meýilnama | Hakyky |
| Islendik çig malyň göwrümi, müň tonna (O). | 8000 | 10000 | 10200 |
| Öndürilen taýýar önümiň mukdary (Q) müň tonna. | 7515 | 9410 | 9797 |
| Daşyndan getirilen ýarym taýýar önüm (T) | 350 | 350 | 460 |
| Taýýar önümiň çykarylyşy Q:O=d% | 90,0 | 90,9 | 91,9 |
| Ýarym taýýar önümleriň çykarylyşynyň bahasy T:Q=ü müň man. | 30,0 | 30,0 | 31,0 |
| Ýylylygyň harçlanylşy we ýitgiler,%. | 10,0 | 9,1 | 8,1 |

Nebiti gazy ulag bilen ýetirmek meýilnamasy we ony ýerleşdirmek nebite bolan islege esaslanýar.

Magistral gaz geçirijilerden gazy ulaglaşdyrmak meýilnamasy – bu gazy ulanyjylara ýetirmek meýilnamasydyr.

Esasy görkezijiler:

*-nebiti ýetirmegiň göwrümi,*

*-nebiti we nebitönümlerini gaýtadan işlemegiň göwrümi,*

*-haryt gazyň göwrümi,*

*-ulaglaşdyrmak işiň göwrümi,*

*-nebitiň we gazyň ýitgileri,*

*-nebitiň we nebitönümleriniň hususy niýetler üçin ulanylşy.*

*-Nebit önümleriniň işlenilişiniň dowamlylygy.*

## Bap-III.
## Kärhananyň guramaçylyk – tehniki derejesiniň seljermesi.

### *3.1.Seljermäniň meseleleri we ceşmeleri.*

Ulanylýan tehniki, tehnalogiýa guramaçylyk formalaryň ýokary boldugyça ilki bilen önümçilik resurslary tygşytlanýar, şeýlede önumçilik sygymy, zähmet öndürijiligi ýokarlanýar, birlik önüme bolan maddy harajatlar peselýär.

Kärhananyň guramaçylyk tehniki derejesiniň ýokarlandyrylmagy netijesinde önümçiligiň ykdysady netijeliligi ýokarlanýar bu bolsa öz gezeginde önümiň göwrümine we hiline, girdeýjä we düşewintlilige şeýle-de umumylaşdyrylan önümçilik - hojalyk görkezijiler oňaýly täsir edýär. Guramaçylyk - tehniki derejäniň seljermesi aşakdaky meseleleri çözmekligi göz-öňünde tutýar.

*1.Kärhananyň önümçilik prosesleriň tehniki derejesiniň seljermesi.*
*2.Önümçiligiň dolandyrylyşynyň we guralyşynyň derejesiniň seljermesi.*
*3.Önümçiligiň guralyşynyň we tehniki ösüşiniň ýerine ýetirilişiniň seljermesi.*
*4.Önümiň hiliniň we tehniki – ykdysady derejesiniň seljermesi.*

Kärhananyň guramaçylyk – tehniki ösüşiniň derejesiniň seljermesi ýörite statistik we buhgalter hasabatlaryň esasynda geçirilýär.

### *3.2.Kärhananyň tehniki derejesiniň seljermesi.*

Kärhananyň tehniki derejesi ulanylýan tehnikanyň we tehnologiýanyň progressiwligi bilen kesgitlenýär.Tehniki derejesiniň ýokarlanmagy esasynda häzirki döwürde onuň

ösüşi hem-de könelen enjamlaryň täzelenmegi önümçilik prosesleriň mehanizasiýa we awtomatizasiýasy, öňdebaryjy tehnologiýanyň ornaşdyrylmagy önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagynyň esasy faktorydyr.

Kärhananyň tehniki derejesiniň seljermesi esasynda aşakdaky esasy meseleler çözülmeli.

*-esasy serişdeleriň tehniki ýagdaýyna, olaryň düzümine, ösüş depginine baha bermek.*

*-ýerine ýetirilýän önümçilik meýilnamalara ulanylýan esasy serişdeleriň gabat gelşi.*

Şeýle maksat üçin aşakdaky görkezijiler ulanylýar:

*1.Zähmetiň esasy serişdeleri bilen üpjünçiligi,*
*2.Zähmetiň maşynlar bilen üpjünçiligi,*
*3.Zähmetiň energiýa bilen üpjünçiligi,*
*4.Işleriň (zähmetiň) awtomatizasiýa we mehanizasiýa derejesi.*
*5.Esasy serişdeleriň işe ýarawlylyk derejesi,*
*6.Enjamlaryň intensiw we ekstensiw koeffisiýentleri.*

Zähmetiň esasy fondlar bilen üpjünçiligi esasy serişdeleriň ortaça ýyllyk bahasynyň (Eb) işçileriň iň uly smenadaky sanyna (Is) bolan gatnaşygy, ýagny

$$Kz = \frac{Eb}{Is}$$

Maşynlar bilen üpjünçiligiň iň häsiýetli görkezijileriniň biri zähmetiň maşynlar bilen üpjünçiligidir, esasy serişdeleriň işjeň böleginiň (Eiş) işçileriň iň uly smenadaky sanyna (Is) bolan gatnaşygy, ýagny:

$$Km = \frac{Eis}{Is}$$

Zähmetiň energiýa serişdeleri bilen üpjünçiligi – hakyky ulanylan energiýa serişdelerini (E) işlenen adam – sagada (ýa-da işçileriň sanyna) (t) bölmeli, ýagny:

$$Kэ = \frac{э}{t}$$

Tehniki derejäni häsiýetlendirmek üçin zähmetiň kuwwatly energo üpjünçiligini hasaplamaly Kkэ, şeýle maksat

bilen kärhanada dikeldilen energiýa kuwwatlygy işçileriň sanyna bölmeli

$$Kk\text{э} = \frac{K}{Is}$$

Bu görkeziji boýuça bir işçä düşýän kuwwatly güýç enjamlar barada netije çykarylýar.

*Işçileriň (zähmetiň) awtomatizasiýa ýa-da mehanizasiýa görkezijisi (Ka,M)* mehanizasiýa, awtomatizasiýa işler bilen meşgullanýan işçileriň sanynyň umumy işçileriň sanyna bolan gatnaşygy arkaly hasaplanýar, ýagny:

$$Ka,m = \frac{Ia,m}{Is}$$

Tablisa № 4.

| Görkezijiler. | Geçen ýyl | Hasabat ýyl | | Üýtgeme (%) | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Meýilnama | Hakyky | Geçen ýyla garanda | Meýil-nama garand a |
| Ortaça ýyllyk esasy serişdeleriň bahasy, | 8200 | 8600 | 8900 | +8,5 | +3,5 |
| Şol sanda işjeň bölegi | 6480 | 6880 | 7200 | +11,1 | +47 |
| Işgärleriň sany | 1850 | 1900 | 1870 | +1,0 | -1,6 |
| Esasy serişdeler bilen üpjünçiligi | 4,4 | 4,5 | 4,7 | +6,8 | +4,4 |
| Maşynlar bilen üpjünçiligi | 3,5 | 3,6 | 3,8 | +8,6 | +5,6 |

Sanalyp geçilen görkezijiler kärhananyň tehninki üpçünçilik derejesine baha berlende ulanylýar.

Esasy serişdeler hem-de maşynlar bilen üpçünçilik – kärhananyň tehniki üpjünçiligine umumy baha berýän görkezijiler.

Ýokarda görkezilen tablisadaky maglumatlar hasabyndaky döwründe esasy serişdeler bilen üpjünçilik şeýle-de maşynlar bilen üpjünçilik geçen döwür bilen deňeşdireniňde ýokarlandy (degişlilikde 6,8 we 8,6%) meýilnama bilen deňeşdirilende (4,4 we 5,6) Ýöne esasy hasaba almaly zatlaryň biri hem şeýle görkezijileriň ösüşi hemişe kärhananyň täze ösen serişdeler bilen üpjünçiligine bagly bolmaýar, ýagny şeýle ösüş buraw enjamlaryna bahalaryň ýokarlanmagyna ýa-da serişdeleriň ösmegi netijesinde bolup biler.

Esasy serişdeler bilen hem-de maşynlar bilen üpjünçiligini, ösüşini, zähmet öndürijiliginiň, skwažinalaryň prohotkasynyň hilini seljerip dowam etdirmeli. Şeýlede zähmet şertlerine üns bermeli.

Tablisa № 5.

| Görkezijiler | Geçen ýyl | Hasabat ýyly | | Degişlilikde üýtget-me | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Meýil-nama boýunça | Haky-katda | Geçen ýyl boýunça | Meýil -nama bilen |
| Önümçilik personalyň sany | 904 | 936 | 926 | +2,4 | -1,1 |
| Şolardan awtomatizasiýa işler bilen meşgullanýanlara | 208 | 260 | 250 | +20,2 | -3,8 |
| Awtomatizasiýa koeffisiýenti | 0,23 | 0,28 | 0,27 | +117,3 | -3,6 |

Seljerilýän kärhanada awtomatizasiýa derejesi ýokary dälligi nebiti gazyp almaklygyň bölekleýin

awtomatizasiýalaşdyrylandygyny görkezýär.Onda-da položitel ýagdaý geçen ýyl bilen deňeşdirinimizde ol 17,3% ýokarlandy. Awtomatizasiýa boýunça bu görkeziji ýokarlanmady.

### ***3.3.Kärhananyñ guramacyk derejesiniñ we tehniki ýagdaýynyñ seljermesi.***

Täze önümi girizmek, progressiw, mehaniz, awtomatiz girizmek meýilnamasy ornaşdyrmak üçin çäreleri öz içine alýar. Tygşytlylyk öz içinde iki görnüşde belgilenýär:

1)*natural* – işgärleriň sanynyň kemeldilmegi we önümiň göwrümini köpeltmek.

2)*bahalaýyn* – eksplutasion çykdaýjylary tygşytlama, girdeýjini köpeltmek, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak, maddy harajatlary peseltmek.

Önümçilige täze tehnologiýany ornaşdyrmak diňe önümçiligiň çykdaýjylarynyň peselmegine täsir edýär, önümçiligiň göwrümini ýokarlandyrýar, zähmet öndürijiligini we girdeýjini ösdürýär, zähmet şertlerini ýerleşdirýär, maddy we energetik çykdaýjylary peselýär. Tehnikanyň tehnologiýalary gowulandyrmaga niýetlenen goşmaça düýpli maýa goýumlary önümiň önümçiligine we ulanylşa bolan tygşytlamak arkaly özüni ödeýär.Täze tehnikanyň ornaşdyrylyşy boýunça seljerme geçirilende onuň ornaşdyrylyşy boýunça hakyky netijelilik ýüze çykarylmaly.

Tablisa № 6.

| Görkezijiler | Netije | | Meýilnamanyň ýerine ýetirilişi(%) |
|---|---|---|---|
| | meýilnama boýunça | Hakykat boýunça | |
| 1)Burawlamagyň umumy göwrümi, müň. man. | 70,0 | 70,0 | 100 |
| 2)Dolotlaryň ornaşdyrylyşy, sany | 550 | 650 | 118,2 |
| 3)Ornaşdyrmagyň möhleti | 1/8 | 15/9 | |
| 4)Täze dolotlar bilen burawlamagyň göwrümi | 17500 | 21000 | 120,0 |
| 5)Burawlamagyň tizligi | 631 | 637 | 100,9 |
| 6)Ulanyş çykdaýjylary | 9466,8 | 9369,5 | 99,0 |
| 7)Prohotkanyň 1m özüne düşýän gymmaty | 135,24 | 134,85 | 99,7 |

Buraw guramada meýilnama 18,2% artygy bilen ýerine ýetirildi, munuň özi özüne düşýän gymmaty 0,3% peseltdi hem-de girdeýjini ýokarlandyrdy.

Soňky ýyllarda nebiti gazyp alýan senagatda guramaçylyk işleri kämilleşdirilýär olaryň esasylary bolup:Goşmaça önümçiliklerde konsentrirlemek we spesializasiýany ýokary derejede geçirmek, şol ýagdaýda önümçilik meýdanlaryň we kuwwatlyklaryň ulanylşy oňatlaşýar.

Seljermäniň esasy maksady – ýitgileri kesgitlemek bolmak, meýilnamadan gyşarmanyň bahalaryny ýüze çykarmak hem-de öňüni alyş çäreleri kesgitlemek.

Esasy bahana bolup enjamlaryň ýa-da işçileriň ýoklugy, taslamanyň pes bolmagy, gözleg hem-de taslama işleri öwrenmeginiň saklanmagy, enjamlaryň wagtynda getirilmegi.

Işleriň göwrüminde (smeta boýunça az göz öňüne tutulýar) düýpli maýa goýumlaryň ýokarlandyrylmagy, enjamlaryň taslama bahasynyň peseldilmegi, öndüriji-zawod tarapyndan enjamlary ýokary bahadan getirmek we ş.m.

### *3.4.Zähmetiň we önümciligiň guramacylygynyň seljermesi*.

Nebiti gazyp alýan senagatda zähmet we dolandyrylyşy kämilleşdirmek boýunça uly işler geçirilýär. Ol kämilleşdirilmegiň esasy bolup aşakdakylar hyzmat edýär.

*1)Kömekçi önümçiliikleri ýokary derejede konsentrirlemek şol ýagdaýda zähmeti ylmy taýdan guramaklykda täze rezerwleri ýüze çykarmak.*

*2)Inžener – tehniki gulluklaryň kömegi bilen operatiw dolandyrylyşy guramak, inžener-tehniki işgärleriň zähmetiniň işini kämilleşdirmek.*

Şu çäreler geçirilende önümçilik-hojalyk işleriň tehniki-ykdysady görkezijileri ýokarlanýar.

Mysala ýüzleneliň:

Tablisa № 7.

| Görkezijiler | Birleşik bölünende görkezijileriň üýtgemegi | |
|---|---|---|
| | Burawlama | Nebiti gözlemekde |
| 1.Işgärleriň sanynyň kemeldilmegi | 300 | 320 |
| 2.Zähmet fondunyň tygşytlanmasy müň man . | 450 | 380 |
| 3.Guramaçylyk bahanalar boýunça durmaklygy kemeltmek. | 510 | 430 |
| 4.Bejergi işleriniň dowamlylygyny kemeltmek, sagat. | 884 | 920 |
| 5.Boşadylan fondlar boýunça amortizasiýa, muň man. | 25,0 | 12,0 |
| 6.Burawlamagyň tizliginiň ösüşi, % | 4,0 | - |
| 7.Skwažinalaryň ulanylşynyň koeffisiýentiniň ösüşi | _ | 2,5 |
| 8.Jemi ykdysady netijelilik müň manat. | 680 | 560 |

### *3.5.Önümçiligiň umumy netijesiniň we tygşytlylygynyň seljermesi.*

Nebiti gaýtadan işleýän kärhanalarda önümçiligiň gutarşynyň derejesiniň ýokarlanmagy sehleriň has kämil spesializasiýa formalarynyň ulanylmagy hem-de esasy önümçiligiň (barlaghana, haryt-çig mal operasiýalar, energetik sehler) iş netijeleriniň ýokarlandyrylmagy netijesinde amala aşyryldy.

Tablisa № 8.

| Görkezijiler | Geçen ýyl | Hasabat ýyl | Gyşarma (+,-) |
|---|---|---|---|
| Işgärleriň sany, jemi | 3000 | 3200 | +200 |
| Işleýänleriň düzümi % umumy sany | | | |
| -tehnologlar | 30,0 | 35,0 | +5,0 |
| -bejergi işleri ýerine ýetirýärler | 20,0 | 18,0 | -2,0 |
| -laborantlar | 10,0 | 8,0 | -2,0 |
| -sehiň işgärleri | 5,0 | 6,0 | +1,0 |
| -elektrik sehiň işgärleriň | 5,0 | 3,0 | -2,0 |
| Sehleriň sany olardan | 20 | 16 | -4 |
| - tehnologik | 8 | 6 | -2 |
| - kömekçi hojalyklar | 12 | 10 | -2 |
| Umumy sehiň işgärleri | 210 | 192 | -18 |
| Işgärleriň umumy sanyna (%) | 7,0 | 6,0 | -1,0 |
| Dolandyrma boýunça işgärleriň sany | 450 | 384 | -66 |
| Işgärleriň umumy sanyna (%) | 15,0 | 12,0 | -3,0 |

Görşümiz ýaly, kärhanada sehleriň ulaldylmagy boýunça uly işler geçirildi. Her bir sehde işgärleriň sanynyň köpelmegi ýagny, tehnologlaryň, priborçylaryň täze enjamlaryň girizilmegi bilen bagly.Şol bir wagtda barlaghana işleriniň merkezleşdirilmegi netijesinde 44 adam boşadyldy, gündizki iş çalşykda iş guramaçylygynyň guralşy netijesinde ýene-de 54 adam kemeltmäne mümkinçilik döretdi.

Işgärleriň sanynyň kemeldilmegi bir wagtda bejergi işleriň ýitgilerini azaldylmagy netijesinde hem amala aşyryldy.

Tablisa № 9.

| Ulanylýan serişdeleriň ululygyny häsiýetlen-diryän görkezijiler | Önümçilik netijeligini häsiýetlendirýän görkezijiler | Önümçiligiň we çykdaýjylaryň netijelilik görkezijileri |
|---|---|---|
| Gaýtadan işlenilen çig malyň göwrümi, müň tonna.<br>Esasy önümçilik serişdeleriň bahasy, müň man.<br>Normirlenen aýlanyşyk serişdeleriň bahasy, müň man.<br>Önümçilik senagat işgärleriň sany, adam .<br>Önümçilige harajatlar müň man.<br>Düýpli maýa goýumlar, müň man. | Wajyp önümleriň öndürilişi, müň man.<br>Harytlyk önümi, müň man.<br>Arassa önüm, müň man.<br>Balans boýunça peýda, müň man.<br>Zähmet haky jemi, şol sanda maddy kömek fondy müň man.<br>Ortaça zähmet haky, müň man.<br>Hojalyk hasaplaşyk netijelilik. | Önümçiligiň ösüş depgini, %<br>a)haryt önümi boýunça<br>b)harytlyk önümi boýunça<br>Düşewintlilik, %<br>Arassa önümiň öndürilişi.<br>1manatlyk harytlyk önüme çykdaýjylar.<br>Zähmet öndürijiligi müň man.<br>1manat harytlyk önüme harajatlar.<br>Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy esasynda harytlyk önümiň ösüşi.<br>Zähmet öndürijiliginiň ösüşi bilen zähmet hakynyň depgini.<br>Sygym, man.<br>Aýlanyşyk serişdeleriň dolanyşygy.<br>Düýpli maýa goýumlaryň özüni ödemeklik möhleti<br>Bir harytlyk önüme maddy harajatlar, man. |

## Bap-IV
## Zähmetiň we zähmet hakynyň seljermesi.

### *4.1. Zähmet görkezijileriniň seljermesiniň esasy meseleleri.*

*Zähmet öndürijiligi* – kärhananyň wajyp hil görkezijileriniň biri. Zähmet öndürijiliginiň ösmeginden senagat önümçiliginiň ösüşi, işgärleriň hakyky girdejileri we zähmet haky, özüne düşýän gymmatynyň möçberi we ýygymlaryň ýokarlanmagy bagly. Zähmet görkezijileriniň we zähmet hakynyň seljermesiniň maksady:

*- zähmet öndürijiliginiň hasabyna önümiň çykarylyşynyň ätiýaçlyklaryny ýüze çykarmak,*

*-işgärleriň we işçileriň düzüminiň amatlylygy, olaryň iş wagtynyň amatly ulanylyşynyň,*

*-zähmet hakynyň önümçilik hojalyk maliýe netijeleri bilen (girdeji, özüne düşýän gymmaty) doly baglylygyna laýyklykda gowulandyrmak.*

Şeýle analitik işler nebit-gaz pudagynyň täze hojalyk gatnaşyklaryna geçiş döwründe has wajypdyr.

Seljermäniň dowamynda ýetilen sepgitlere hakyky, dogruçyl baha bermeli, esasy sebäpleri we olaryň işgärleriň sanyna täsirini zähmet öndürijiliginiň we zähmet hakynyň, bar bolan kemçilikleri we olary aradan aýyrmak ugrunda çäreleri işläp düzmek. Seljermäni aşakdaky yzygiderlilikde geçirmeli:

*1) Geçen ýyl bilen deňeşdirilende şu ýylyň zähmet görkezijileriniň ösüşini kesgitlemeli.*

*2) Zähmet görkezijileriň ulanylşynyň gowulandyrmagyny ýüze çykarmaly.*

*3) Seljermäniň netijelerini jemlemeli hem-de guramaçylyk-tehniki çäreleri geçirmeli.*

Seljermede aşakdaky görkezijileri ulanmaly: zähmet öndürijiligi, işgärleriň sanawy, zähmet haky fondy, ortaça zähmet haky, zähmet öndürijiliginiň zähmet hakyna bolan ösüş

depgini, işgärleiň sanynyň we zähmet haky fondunyň tygşytlanmasy. Seljermäniň maglumat çeşmesi bolup kärhananyň 1-z formasy, statistik maglumatlaryň önümi öndürmek boýunça hasabatlary, iş wagtyny ulanmak boýunça hasaplama maglumatlary hyzmat edýär.

### *4.2 Zähmet öndürijiliginiň seljermesi.*

Zähmet öndürijiligi maddy gymmatlyklary döredýän takyk rejeli zähmeti häsiýetlendirýär. Ol bir işçä wagt birligine öndürilen önüm bilen kesgitlenýär ýa-da önüm birligini öndürmeklige işçiniň sarp edilen wagty bilen kesgitlenýär.

*Zähmet öndürijiliginiň derejesi aşakdaky ýagdaýlara bagly:*

*-ulanylýan tehnolgiýanyň tehniki üpjünçiligi,*
*-işgärleriň hünärmenlik we medeni-tehniki derejesi,*
*-önümçiligi we zähmeti guramak,*
*-tehniki normirlemegi guramak,*
*-zähmete hak tölemek,*
*-maddy we tehniki üpjünçilik,*
*-işgärleriň düzüminiň hemişeligi.*

Nebit-gaz gözleýän senagatda beýleki senagatlardan tapawutlylykda tebigy faktorlar täsir edýär. Dürli geologiki şertlerde işleýän, ýöne deň tehniki serişdeler bilen üpjün edilen buraw brigadalar dürli zähmet öndürijilige ýetýärler, sebäbi prohotkalaryň göwrümi we tizligi, burawlamanyň çuňlugy, geologik kesim, daglaryň berkligi täsir edýär. Brigadanyň $Z_{ÖND}$ skwažinanyň debitinde, ulanyş usulyna (ekspluatasiýanyň), plastyň, geologik-geofizik häsiýetine, känleriň işleniş tapgyryna bagly. $Z_{ÖND}$ *birnäçe ölçegde hasaplanýar:*

natural ölçegde $$Z_{ÖND.} = \frac{V}{Is.}$$

bahalaýyn $$Z_{ÖND.}=\frac{Hö}{Is.}$$

zähmet usulynda $$Z_{ÖND.}=\frac{Zç}{Is.}$$

bu ýerde: **V** -göwrüm ölçeglerde, (m, tn);

**$H_0$** –haryt önümi (manat);

**Zç** – zähmet çykdajylary;

**Is** –senagat-önümçilik personalyň sany;

Hasaplamada sagatlaýyn, gündelik zähmet öndürijiligi ulanylýar.

*Sagatlaýyn zähmet öndürijiligini* öndürilen önümiň mukdaryny, ýagny, senagat önümçilik personal tarapyndan işlenen adam-sagada bolan gatnaşygy arkaly hasaplamaly.

*Günlük zähmet öndürijiligini* – belli bir wagtda öndürilen önümiň mukdaryny adam - günde öndürilen önüme degişlilikde hasaplanýar.

Zähmet öndürijiligiň derejesine: tehnikanyň, tehnologiýanyň hem-de zähmeti guramagyň netijeleri, esasy serişdeleriň ulanylyşy, materiallaryň işçi güýjüniň ulanylyşy öz beýanyny tapýar.

Diýmek, seljerme geçirilende şol faktorlaryň täsirini öwrenmeli. Nebit we gaz senagatynyň kärhanalarynyň önümçilik aýratynlyklaryny hasaba alyp birnäçe mysallara seredeliň. Buraw kärhanalarynda giňden natural hem-de bahalaýyn usullar ulanylýar.

Mysal.

Tablisa № 14.

| Görkezijiler | Hakykatda geçen ýylda | Hasabat ýyly | | Üýtgeme degişlilikde | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Meýilna-ma | Hakykat | Meýilnama bilen (%) | Geçen ýyl bilen (%) |
| Burawlamanyň göwrümi, müň man. | 200,8 | 205,0 | 208,4 | 101,6 | 103,8 |
| Çenlik bahada iş leriň göwrümi, müň man. | 18314,1 | 18336,5 | 21662,7 | 118,1 | 118,3 |
| Işgärleriň ortaça bahasy, şol sanda<br>-işçiler<br>-inžener-tehniki hünärmenler<br>-gullukçylar<br>-kiçi hyzmat ediş personal | 2142<br>1732<br><br>330<br>70<br><br>10 | 2057<br>1659<br><br>322<br>67<br><br>9 | 2052<br>1662<br><br>314<br>66<br><br>10 | 99,7<br>100,2<br><br>97,5<br>98,5<br><br>111,2 | 95,8<br>96,0<br><br>95,1<br>94,3<br><br>100,0 |
| Işgärleriň zähmet öndürijiligi:<br>metr/adam;<br>man/adama; | 93,7<br>8550 | 97,7<br>8740 | 99,7<br>10360 | 102,0<br>118,5 | 106,4<br>121,1 |
| Bir ustanowka düşýän işgärleriň sany | 69,3 | 70,6 | 66,1 | 93,2 | 95,4 |
| Burawlamanyň komersiýa tizligi, m/stanko-aý | 538 | 577 | 549 | 95,1 | 102,0 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Burawlamanyň dowamlylygy, stanko-aý | 373,2 | 355,2 | 379,7 | 106,8 | 101,7 |
| Ortaça zähmet haky, man. | 1600 | 1690 | 1720 | 101,8 | 107,5 |
| Işçileriň zähmet öndürijiligi, metr/adam | 115,9 | 123,8 | 125,4 | 101,3 | 108,2 |

Görşümiz ýaly burawlama boýunça göwrüm natural ölçegde 101,6%. Pul möçberinde natural ölçegden tapawutlylygy goşmaça burawlamanyň göwrümi çuň burawlama düşenliginde (3500 m-den köp) çenlik bahasy bu ýerde ortaça skwažinadan ýokarydyr. Şeýlelikde, zähmet öndürijiligi boýunça meýilnama natural ölçegde 2,2 % ýokary boldy, bahalaýyn ölçegde 18,9 % ýokary boldy. Geçen ýyl bilen deňeşdirilende bir işgäre zähmet öndürijiligi degişlilikde 6,5 we 21,1% ýokarlandy. (bir işçä -8,1 we 23,3%). Burawlamanyň meýilnamasynyň artmagy işgärleriň sanynyň kemeldilmeginiň hasabyna amala aşyryldy. Meýilnama bilen deňeşdirenimizde işgärleriň sany 5 adam kemeldildi (0,3%). Inžener-tehniki işgärleriň hasabyna 8 adam, gullukçylar 1 adam, işçileriň sanynyň 3 adam köpeldilmegi, kiçi kömekçi personal – 1 adam. Geçen ýyl bilen deňeşdirilende işgärleriň ortaça sany 4,2% (90 adam) kemeldildi.

Şeýlelikde, zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy

1)burawlamanyň göwrüminiň ýokarlanmagy ,

2) buraw enjamlaryň hyzmatynyň zähmet sygymynyň kemelmegi netijesinde boldy. Öz gezeginde prohotkanyň göwrümi burawlamanyň wagtyna şeýle-de komersiýa tizligine baglydyr. Diýmek, seljerme geçirilende 3 ýagdaý hasaba alynmaly:

*1) $V_k$- komersiýa tizligi (metr/st-aý)*

*2) Burawlamanyň wagty – $T_z$ (stanko-aý)*

*3) Işgärleriň sany (Is)*

Burawlamada zähmet öndürjiligini aşakdaky ýaly görkezip bolar, ýagny

$$Z_{\ddot{O}ND.} = \frac{Vk \cdot T}{Is}$$

Zynjyrlaýyn çalyşmalar usulyny ulanyp zähmet öndürjiligine görkezilen görkezijileri täsirini kesgitläliň, ýagny

-Burawlamanyň komersiýa tizligi

$$Z_{\ddot{O}ND.} = \frac{(Vkh - Vkb)\ Th}{Ib}$$

- Burawlamanyň wagty

$$Z_{\ddot{O}ND.} = \frac{(Th - Te) \cdot Vkb}{Ib}$$

- Işgärleriň sany

$$Z_{\ddot{O}ND.} = \frac{Vkh \cdot Th}{Ib} - \frac{Vkh \cdot Th}{Ib}$$

***“h”*** we ***“b”***-hakyky we bazis görkejileri.

Seljermäniň maksadyna bazis görkejileri bolup geçen ýylyň ýa-da başga hakyky görkezijileri deňeşdirilýän ýylyň maglumatlary hyzmat edýär.

Biziň mysalymyzda bir işgäre düşýän prohotkanyň göwrumi meýilnama bilen deňeşdiremizde 2-mert köpeldi, geçen ýyl bilen deňeşdiremizde bolsa 6-mert köpeldi.

Zähmet öndürijiligine hil görkezijileriň täsirini kesgitläliň. Hasabat ýylynda burawlama tizligi ýerine ýetirilmedi. Netijede bir işgäre düşýän zähmet öndürjiligi peseldi:

$$Z_{\ddot{O}ND.} = \frac{(549 - 577)379{,}7}{2057} = -5{,}1$$

Stanko-aý meýilnamanyň ýokarlanandygy sebäpli bir işgäre düşýän zähmet öndürjiligi ýokarlandy, ýagny

$$Z_{\ddot{O}ND.} = \frac{(379{,}7 - 355{,}2) \cdot 577}{2057} = +6{,}5$$

Meýilnama bilen deňeşdiremizde işgärleriň sanynyň kemeldilmegi zähmet öndürjiligi ýokarlandyrdy, ýagny

$$Z_{\ddot{O}ND.} = \frac{549 \cdot 379{,}7}{2052} - \frac{549 \cdot 379{,}7}{2057} = +0{,}6$$

Şeýlelikde zähmet öndürjiliginiň meýilnamasynyň artygy bilen ýerine ýetirilmegi esasanam meýilnamadan daşary buraw enjamlarynyň oturdylmagy netijesinde amala aşdy.

Buraw enjamlarynyň artykmaçlygy (3 enjam) hemde buraw enjamyň tizliginiň ýerine ýetirilmändigi edarada buraw tehnikanyň, tenologiýanyň kämilleşdirilmegine ýeterlikli üns berilmeýänligiň suwutnamasydyr.

### *4.3 Işçileriň sanynyň seljermesi, olaryň düzümi, hereketi.*

Kärhanalarda işgärleriň düzümi hemişe hereketde bolýar. Dürli sebäpler boýunça işgärler işden boşadylýar. Olaryň ýerine başga işgärler alynýar. Şeýlelikde, hasabat döwründe kärhanlarda işçi güýjüniň aýlanyşygy ýüze çykýar. Işçi güýjüniň hereketini öwrenmek üçin birnäçe görkezijiler ulanylýar. Olara şu aşakdaky görkezijiler degişlidir:

*1. Işe kabul etmek boýunça sylanyşyk koeffisiýenti.*

*2. Işden çykarmak boýunça aýlanyşyk koeffisiýenti.*

*3. Işgärleriň geldi-geçerlik koeffisiýenti.*

*4. Işgärleriň durnuklylyk koeffisiýenti.*

*Işe kabul etmek boýunça aýlanyşyk koeffisiýenti* hasabat döwründe işe kabul edilen işgärleriň sanyny işgärleriň ortaça sanyna bölüp, prosent gatnaşygy görnüşinde kesgitlenýär.

*Işden çykarmak boýunça aýlanyşyk koeffisiýenti* hasabat döwründe işden çykarylan işgärleriň sanyny işgärleriň ortaça sanyna bölüp, prosent gatnaşygy görnüşinde kesgitlenýär.

*Işgärleriň geldi-geçerlik koeffisiýenti* hasabat döwründe öz islegi boýunça we zähmet-düzgün nyzamyny bozanlygy sebäpli işden çykarylan işgärleriň sanyny işgärleriň hasabat döwründäki ortaça sanyna bölüp, prosent gatnaşygy görnüşinde kesgitlenýär.

*Işgärleriň durnuklylyk koeffisiýenti* kärhanada ýylyň dowamynda işlän işgär-leriniň sanyny işgärleriň ortaça sanyna bölüp, prosent gatnaşygy görnüşinde kesgit-lenýär. Önümçiligi mehanizasiýalaşdyrmak we awtomatizasiýalaşdyrmak boýunça çäreleriň üstünlikli amala aşyrylýan kärhanalarynda işe kabul edýär. Kärhananyň işçi güýji bilen üpjünçiliginiň seljermesini geçirenlerinde hakyky maglumatlar bilen deňeşdirýärler. Hakyky işgärleriň sany kadadan pes bolup bilýär. (haçanda kärhana işçi güýji bilen doly üpjün bolmaýan ýagdaýynda). Seljerme geçirilende esasy faktorlary ýüze çykarmaly: täze tehnologik prosesleri işe girizmek, kömekçi ussahanalary giňeltmek, önümçiligiň awtomatizasiýasy we mehanizasiýasy, kadalary kämilleşdirmek, hyzmat ediş zonalary köpeltmek.

Tablisa № 15.

| Görkezijiler | Kada boýunça sany | Hakyky | | Gyşarma | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Geçen ýyly | Hasabat ýyly | Kadadan | Geçen ýyldan |
| Jemi: kärhana ş.s. boýunça | 5100 | 4750 | 5050 | -50 | 300 |
| Esasy önümçilik | 1500 | 1350 | 1510 | 10 | 160 |
| Kömekçi hojalyk sehler boýunça: | 3600 | 3400 | 3540 | 60 | 140 |
| -bejergi-mehanika | 720 | 670 | 690 | 30 | 20 |
| -suw üpjünçilik | 180 | 180 | 200 | 20 | 20 |

Önümçilik meýilnamanyň ýerine ýetirilişine we kärhananyň işine işgärler bilen üpjünçilik edilişine işgärleriň stažy, bilimi, hünärmenlik derejesi, geldi-geçerliligi täsir edýär. Işgärleriň bereketi geldi-geçerlik koeffisiýenti arkaly häsiýetlenýär – sebäpsiz işden çykanlaryň sany işgärleriň ortaça sanyna bolan gatnaşygy. Zähmet öndürijiligini ösdürmegiň ýollary:

*-öňdebaryjy tejribäni ulanmak;*

*-birnäçe hünäre eýe bolmak;*

Umuman alnanda zähmet öndürijiliginiň ösmegine uly täsir görkezýän aşakdaky faktorlary getirmek bolar:

*1. Kärhananyň işçileriniň kämilligi;*

*2. Önümçilik esbaplary we enjamlaryň sypaty;*

*3. Önümçilik prosesiniň tehnologiýasynyň dogry saýlanandygy;*

*4. Zähmet bölünişiginiň dogry guralmagy (zähmet bölünişigi netijesinde adamlar her hili hünärleri öwrenýärler).*

### *4.4. Zähmet hakynyň ulanylyşynyň seljermesi.*

*Seljermäniň maksady* - taýýarlanan önümiň göwrümine laýyklykda zähmet fondunyň ulanylşynyň tygşytlylygyny barlamak, zähmet öndürijiliginiň depgininiň we ortaça zähmet hakyny deňeşdirmek, zähmet haky fondunyň has-da amatly, tygşytly ulanylşyny ýüze çykarmak. Zähmet hakynyň ulanylyşy köp halatda hakyky we meýilnama boýunça seljermeden başlanýar. Bu seljerme absolýut tygşytlylygy we zähmet serişdeleriniň ulanylyşynyň seljermesi zähmete hak tölenilişi bilen bilelikde alnyp barylýar. Sebäbi zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy zähmet haky tölegini artdyrmaga zerur bolan şertleri döredýär. Şonuň üçin kärhanalarda zähmet hakyna serişdeleriň seljermesi hem geçirilýär we zähmet haky fondunyň dogry ulanylşyna yzygiderli gözegçilik edilýär. Işçileriň zähmet hakyna bolan serişdeleri, ýagny, zähmet haky fondy üýtgeýän we üýtgemeýän böleklere bölünýär. *Zähmet haky fondunyň üýtgeýän bölegi* öndürilýän önümiň möçberine, onuň düzümine, önümleriň zähmeti talap edijiligine we beýleki faktorlara baglydyr. Zähmet haky fondunyň galan böleginiň ululygy sanalyp geçilen faktorlara bagly bolmanlygy üçin oňa *zähmet haky fondunyň üýtgemeýän bölegi* diýilýär. Işgärleriň zähmet haky fonduny seljerme etmek üçin kärhananyň maglumatlaryna seredýäris.

## Işgärleriň haky fondy boýunça maglumatlar.

Tablisa № 16.

| Tölegiň görnüşleri. | Zähmet hakynyň summasy (müň manat) | | |
|---|---|---|---|
| | Meýilnama boýunça | Hasabat boýunça | Meýilnamadan tapawudy |
| 1. Işçileriň zähmet hakynyň potrat tölegleri | 259350 | 386836 | +27486 |
| 2. Önümçilik netijeleri boýunça baýraklar | 1750 | 1964 | +214 |
| 3. Işçileriň zähmet hakynyň üýtgeýän böleginiň jemi | 26110 | 288800 | +27700 |
| 4. Işçileriň zähmet hakynyň wagt boýunça töleneni | 139650 | 150414 | +10764 |
| 5.Goşmaça töleneni | | | |
| a) iş wagtyndan daşary edilen işler üçin | - | 616 | +616 |
| b) kärhananyň günäsi bilen işsiz durlanlygy üçin | - | +1070 | +1070 |
| 6. Işçileriň zähmet hakynyň üýtgemeýän böleginiň jemi. | 139650 | 152100 | +12450 |
| 7. Işçileriň zähmet rugsadyna tölegler: | 42000 | 46100 | +4100 |
| Şol sanda: | | | |
| a) zähmet tölegleriniň üýtgeýän bölegine degişlisi | 27300 | 30250 | +2950 |
| b) zähmet tölegleriniň üýtgemeýän bölegine degişlisi | 14700 | 15850 | +1150 |
| 8. Gullukçylara zähmet tölegleri | 115200 | 102960 | -12240 |
| 9. Zähmet haky fondy (3+6+7+8 setirler) | 557950 | 589960 | +32010 |
| Şol sanda: | | | |
| a) üýtgeýän bölegi (3+7a setirler) | 288400 | 310050 | +30650 |
| b) üýtgemeýän bölegi | 269500 | 270910 | +1360 |

| | | | |
|---|---|---|---|
| (6+7b+8 setirler) | | | |
| 10. Zähmet haky fondunyň umumy jemindäki udel agramy, %<br>a) üýtgeýän böleginiň<br>b) üýtgemeýän böleginiň | <br><br>51,69<br>48,31 | <br><br>54,08<br>45,92 | <br><br>+2,39<br>-2,39 |

Zähmet haky fondunyň seljermesi geçirilende ilki bilen zähmet haky fondunyň absolýut we otnositel tapawudy kesgitlenýär. Zähmet haky fondunyň absolýut tapawudyny kesgitlemek üçin onuň hasabatdaky jeminden meýilnamadaky jemini aýyrtmaly.

589960 – 557950 = 32010 müň manat

Zähmet haky fondunyň otnositel tapawudyny kesgitlemek üçin onuň hasabatdaky jeminden önümiň hasabatdaky möçberine görä gaýtadan meýilnamadaky jemini aýyrmaly.

Kärhanada önüm öndürmek boýunça meýilnama 103,9 % ýerine ýetilipdir.

589960 - (288400 x 103,9 : 100 + 269550) = +20762,4 müň manat.

Kärhanada zähmet haky fondy boýunça serişdeleriň meýilnamadan artykmaç sarp edileni 32010 müň manatlyk bolupdyr. Eger-de önümiň hasabatdaky möçberini göz öňünde tutsaň, onda bu san 20762,4 müň manada çenli peselýär. Seljermäniň dowamynda zähmet haky fondunyň üýtgeýän we üýtgemeýän böleklerine ýagdaýlaryň täsiri kesgitlenýär. Zähmet haky fondunyň üýtgeýän bölegine şu ýagdaýlar täsir edýär:

*1. Öndürilen önümiň möçberi.*

*2. Önümleriň düzümi.*

*3. Önümleriň zähmeti talap edijiligi.*

*4. Sagatlaýyn zähmet tölegleriniň ortaça derejesi.*

Zähmet haky fondunyň üýtgemeýän bölegine şu aşakdaky ýagdaýlar täsir edýär:

*1. Işlän wagtyna görä hak tölenýän işçileriň sany.*

*2. Ol işçileriň biriniň hasabat döwründe işlän günleriniň ortaça sany.*

*3. Iş gününiň ortaça dowamlylygy.*

*4. Işlän wagtyna görä hak tölenýän işçileriň sagatdaky ortaça zähmet haky.*

Bu ýagdaýlaryň täsirini kesgitlemek üçin yzygiderli çalşyrmalar usuly ýa-da onuň görnüşleri bolan absolýut we otnositel tapawut usullary ulanylýar.

Zähmet haky fondunyň üýtgemeýän bölegine ýagdaýlaryň täsirini kesgitlemek üçin kärhana boýunça maglumatlara seredýäris.

Bu tablisada işlän wagtyna görä hak tölenýän işçileriň sany, olaryň işlän günleriniň we sagatlarynyň sany hem-de olaryň sagatdaky ortaça zähmet haky boýunça maglumatlar görkezilýär.

Işlän wagtyna görä hak tölenýän işçileriň sany, olaryň işlän wagty we sagatdaky ortaça zähmet haky boýunça maglumatlar.

Tablisa № 17.

| Görkezijiler. | Meýilnama boýunça | Hasabat boýunça | Meýilnamadan tapawudy |
|---|---|---|---|
| 1. Işlän wagtyna görä hak tölenýän işçileriň ortaça sany. | 51 | 49 | -2 |
| 2. Olaryň işlän günleriniň umumy sany, gün. | 14025 | 13230 | -795 |
| 3. Olaryň işlän sagatlaryna umumy sany, sagat. | 112200 | 103194 | -9006 |
| 4. Bir işçiniň işlän günleriniň or-taça sany. | 275 | 270 | -5 |
| 5. Iş gününiň ortaça dowamlylygy, sagat. | 8,0 | 7,8 | -0,2 |
| 6. Işlän wagtyna görä hak tölenýän işçileriň her biriniň sagatdaky ortaça zähmet haky, man. | 1244,65 | 1473,92 | +229,27 |

Görnüşi ýaly, zähmet haky fondunyň üýtgemeýän böleginiň ululygy meýil-nama görä 12450 müň manatlyk artypdyr. Işlän wagtyna görä hak tölenýän işçileriň sanynyň 2 adam kemelmeginiň täsirini kesgitleýäris:

-2 x 275 x 8 x 1244,65 = -5476,5 müň manat.

Diýmek, bu işçileriň sanynyň meýilnama görä 2 adam mukdarynda kemelmegi netijesinde zähmet haky fondunyň üýtegmeýän bölegi boýunça 5476,5 müň manatlyk tygşytlylyk alnypdyr. Bu işçileriň her biriniň işlän günleriniň meýilnama görä 5 gün kemelmegi sebäpli zähmet haky fondunyň näçe manatlyk peselendigini kesgitleýäris:

-5 x 49 x 8 x 1244,65 = -2439,5 müň manat.

Kärhanada iş gününiň ortaça dowamlylygy hem meýilnama görä 0,2 sagat ýa-da 12 minut kemelipdir. Netijede, zähmet haky fondy peselýär.

0,2 x 49 x 270 x 1244,65 = -3293,3 müň manat.

Işlän wagtyna görä hak tölenýän işçileriň her biriniň sagatdaky ortaça zähmet haky meýilnama görä 229,27 manatlyk artandygyny 17-nji tablisanyň maglumatlary görkezýär. Bu ýagdaý zähmet haky fondunyň üýtgemeýän bölegini köpeldýär.

229,27 x 49 x 270 x 7,8 = 23659,3 müň manat.

Ýagdaýlar boýunça seljerme aşakdaky ugurlara laýyk alnyp barylmaly.

Tablisa № 18.

| I. Önümçilgiň tehniki derejesiniň ýokarlanmagy | II. Önümçiligiň we zähmetiň guralşynyň guralmagy. | III. Önümçilikde düzüm üýtgeşmeler. |
|---|---|---|
| -täze proseslериň, tehnologik shemalaryň, enjamlaryň işe girizilmegi;<br>-zawodlaryň we tehnologik enjamlaryň ulaldylmagy;<br>-tehnologik enjamlaryň birleşdirilmegi;<br>-önümçiligiň awtomatizasiýasy;<br>-tehnologiýa prosesleriň intensifikasiýasy;<br>-wagt boýunça tehnologik prosesleriň ulanylyşyny gowulandyrmak;<br>-bejergi işleriň mehanizasiýasy; | -hyzmat etmegiň çägini we kadalaryny gowulandyrmak;<br>-bejergi işleriň guralşyny gowulandyrmak;<br>-dolandyryş düzümi kämilleşdirmek;<br>-iş wagtynyň ýitgilerini aradan aýyrmak;<br>-iş wagtynyň dowamyny üýtgetmek;<br>-işgärleriň hünärmenlik derejesini kämilleşdirmek;<br>-ýangyjyň ulanylşyny we ýitgilerini kemeltmek; | -prosesleriň ugradylmagy netijesinde öndürilýän önümiň görnüşlerini üýtgetmek;<br>-nebitiň gaýtadan işlenilmegi netijesinde görnüşindäki üýtgeşmeler;<br>-daşyndan ýarym taýýar önümleriň getirilmeginiň üýtgemegi. |

# Bap-V
# Maddy – tehniki üpjünçiliginiň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişiniň seljermesi.

## 5.1.Seljermäniň meseleleri we ceşmeleri.

Kärhanalar önümçilik prosesiň amala aşmagy üçin predmetleri we enjamlary bilen zähmet üpjün bolmaly.

Maddy-tehniki üpjünçilik ulgamy öz içine maddy nygmatlaryň meýilnamalaýyn paýlaşygy alýar;

Maddy – tehniki üpjünçilik kärhanalaryň öz wagtynda maddy serişdeler bilen, zerur möçberde, görnüşde üpjünçiligini, önümçilik prosesiň kadaly bolmagyny, esasy serişdeleriň tygşytly ulanylşyny, zähmet öndürijiligiň ýokarlanmagyny, maddy gymmatlyklaryň möçberiniň kemelmegini, aýlanyşyk serişdeleriň aýlanyşygynyň çaltlanmagyny üpjün etmeli.

Nebit-gaz senagatynyň kärhanalarynda maddy nygmatlaryň dürli görnüşleri ulanylýar. Olaryň görnüşleri tehnologik prosesleriň aýratynlygyna bagly.

Esasy maddy-tehniki serişdelere kömekçi materiallar hem-de arzan bahaly, çalt zaýalanýan predmetler, nasoslar, aşakda oturdylan nasoslar, guşaklar, turbalar, ştangalar, ştoklar, ýarym taýýar fabrikatlar. Burawlamak wajyp maddy gymmatlyklar himiki reagentler, dolata, burow turbalary, sement, ýangyç-çalyjy materiallar, kanatlar we başgalar.

Nebiti gaýtadan işleýän kärhanalarda esasy maddy nygmatlar – çig mal, reagentler, katalizatorlar, ätiýaçlandyryş bölekler we başgalar.

Buraw we nebiti gaýtadan işleýän kärhanalarda maddy-tehniki resurslaryň iň köp bölegi ulanylýar.

Önümçilikdäki ýüze çykýan ýitgiler esasanam önümçilik prosesleriň öz wagtynda zähmet predmetleri hem-de serişdeleri bilen üpjün edilmeýänliginden gelip çykýar.

Sol sebäpden maddy-tehniki üpjünçilik meselelerine aşakdakylar degişlidir:

*1)Göwrümiň, görnüşleriň, berilmeli wagty meýilnamasyna seretmek,*

*2)Kärhananyň maddy serişdeler bilen üpjünçiligini ýüze çykarmak,*

Maddy serişdeleri tygşytlamak, önümiň maddy sygymyny tygşytlamak – önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça esasy faktorydyr.

Kärhananyň maddy serişdeler bilen üpjünçiligi olaryň amatly ulanylşy seljerilende aşakdakylary ýüze çykarmaly:

*-maddy-tehniki serişdeleriň ulanylşynyň kadasy, olaryň öňdebaryjylygyny we geljekki döwürde peseldilmegi;*

*-önümçilige maddy-tehniki meýilnamanyň ýaryşygy, onuň ýerine ýetirilişi, gyt materiallaryň çalşyrylmagy, meýilnama taýýarlyk bahalaryň pese düşurilmegi;*

*-ätiýaçlyklaryň ýagdaýy, esaslandyrylmagy, olaryň ululygynyň ýeterlikligi.*

Seljermäniň çeşmeleri bolup aşakdakylar hyzmat edýär:

1)meýilnama maglumatlar;

2)maddy-tehniki serişdeleriň hakyky alynmagy, ýagny görnüşleri, hili, iberilmeli wagty boýunça.

3)hasabat material – kärhana fondlaryň , buýurma – narýadlaryň, gündeki materiallaryň hasabatlary we barlaglary, ulanylmagy, limit kartalary paýlama resminamalar, buhgalter resminamalar, maddy-tehniki serişdeleriň alynmagy barada habarnamalar we başgalar.

### *5.2. Materiallaryň görnüşleri we nomenklatura üpjünçiligi meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi.*

Maddy-tehniki gymmatlyklaryň iberilmegi boýunça meýilnamasynyň seljerilmesi öz öňünde olaryň wagtynda iberilmegini hem-de görnüşlerini ýüze çykarmagy maksat edip goýýar. Seljerme geçirmezden öň materiallara, ätiýaçlyklaryň kadasy hem-de meýilnama döwrüniň başyna olaryň galyndysy

barada hasabat maglymatlar barlanmaly. Meýilnamanyň ýerine ýetirilişi materiallaryň toparlary boýunça seljerilmeli (turbalar, himiki reagentler, katalizatorlar we başgalar) toparlaryň içinde- ölçegleri we hili boýunça. Seljermede merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik üpjünçiligi tapawutlandyrmaly.

Üpjünçilik boýunça meýilnama buraw hem-de nebiti gaýtadan işleýän kärhanalarda üpjünçilik boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilişini seljermesini geçireliň.

Tablisa № 10.

| Maddy serişdeler | Üpjünçilik meýil-namala | Hakykat da getirildi | Gyşarma | |
|---|---|---|---|---|
| | | | Absalýut tapawut (+-) | Meýilna-ma (%) |
| 1)Gorag turbalary, t | 7500 | 6800 | -700 | 90,8 |
| 2)Buraw turbalary, t | 2300 | 2150 | -150 | 93,6 |
| 3)Palçyk, t | 3500 | 3500 | - | 100,0 |
| 4)Agram beriji, t | 4300 | 4800 | +500 | 111,7 |
| 5)Himiki reagentler, t | 7600 | 7850 | +250 | 103,5 |
| 6)Burawlaýjy, san | 8600 | 8750 | +150 | 102,0 |
| 7)Tamponaz sementi,t | 8100 | 8300 | +200 | 102,6 |

Meýilnama ähli maddy resurslar boýunça ýerine ýetirilmedi. Gorag hem-de buraw turbalary meýilnamadan -700,-150 pes boldy. Beýleki maddy serişdeler boýunça meýilnama artygy bilen ýerine ýetirildi.

Şeýle-de meýilnamanyň görnüşler we doly üpjünçilik boýunça ýerine ýetirilişini seljermeli. Mysal üçin, gorag turbalaryň iberilişi boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilişiniň seljermesi.

Tablisa № 11.

| Turbalaryň görnüşleri | Üpjünçilik meýilnamasy | Hakyky | Gyşarma | |
|---|---|---|---|---|
| | | | (+,-) | (%) |
| Gorag turbalar, t şol sanda ölçegler boýunça , mm. | 7500 | 6800 | -700 | 90,7 |
| 141×7 | 1800 | 1600 | -200 | 88,8 |
| 146×7 | 2300 | 2050 | -250 | 89,1 |
| 219×7 | 1150 | 930 | -220 | 80,8 |
| 219×8 | 950 | 980 | +30 | 103,1 |
| 245×7 | 450 | 350 | -100 | 77,7 |
| 245×8 | 400 | 420 | +20 | 105,0 |
| 325×9 | 200 | 220 | +20 | 110,0 |
| 325×10 | 250 | 250 | - | 100,0 |

Esasanam inçe diwarly (7mm) gorag turbalar boýunça meýilnama ýerine ýetirilmedi. Meýilnamanyň şeýle görnüşleri boýunça ýerine ýetirilmeýänligini skwažinanyň agramly we gymmat gorag turbalary bilen üpjün edilmegine getirýär.

Şeýle-de gorag turbalaryny çoýunyň markalary ygrarlygy boýunça seljermeli. Bu bolsa turbalaryň iberilmegi boýunça ýerine ýetirilmegini wagtynda barlamana mümkinçilik berer.

| Ady | Ibermek boýunça | | | | | Hakykatda iberidi | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Jemi | Çärýekler boýunça | | | | Jemi | Çärýekler boýunça | | | |
| | | 1 | 2 | 3 | 4 | | 1 | 2 | 3 | 4 |
| Jemi burawlaýjylar | 8600 | 2050 | 2150 | 2150 | 2050 | 8750 | 2300 | 2000 | 2000 | 2450 |
| Şol sanda görnüşleri | | | | | | | | | | |
| M | 850 | 250 | 250 | 200 | 150 | 1200 | 750 | 450 | - | - |
| S | 2500 | 600 | 650 | 650 | 600 | 2900 | 900 | 1100 | - | 900 |
| ST | 3150 | 700 | 750 | 850 | 850 | 3200 | 650 | 450 | 1800 | 300 |
| T | 1150 | 300 | 300 | 250 | 300 | 750 | - | - | - | 750 |
| K | 750 | 150 | 150 | 200 | 250 | 600 | - | - | 200 | 400 |
| TK | 200 | 50 | 50 | - | 100 | 100 | - | - | - | 100 |

Mysaldan görnüşi ýaly uprawleniýede burawlaýjylar boýunça öz wagtynda we yzygiderli ibermeklik boýunça meýilnama bozulan.

### *5.3 Önümçilikde maddy resurslarynyň ulanylşynyň meyilnamasynyň seljermesi.*

*1)Seljermäniň meseleleri, çeşmeleri.*

*2)Materiallaryň görnüşleri, nomenklatura üpjünçiliginiň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi.*

*3)Önümçilikde maddy resurslaryň ulanylşy we harçlanma kadalarynyň meýilnamasynyň seljermesi.*

Maddy serişdeler hakykatda ulanmaklygyň seljermesi ilki bilen maddy gymmatlyklaryň önümçilige bolan zerurlygyny ýüze çykarmaklyk üçin ähmiýetlidir. Şonuň esasynda maddy-tehniki üpjünçilik meýilleşdirilýär.

Maddy-tehniki üpjünçiligi aşkdaky yzygiderlilikde geçirmeli:

*1)Maddy gymmatlyklaryň ulanylşynyň we kada dinamikasyna seretmeli;*

*2)Geçen döwürlere garanda meýilnamanyň gyşarmasynyň bahanalaryny ýüze çykarmaly;*

*3)Maddy gymmatlyklaryň ulanyş tygşytlylygyny kesgitlemeli.*

Materiallaryň ulanylşyna birnäçe ýagdaýlar täsir edýär, ýagny önümçilik prosesiň aýratynlygy. Burawlamada skwažinanyň çuňlugy, aýry uçastogyň ýa-da meýdanyň geologiýa kesimi, burawlamanyň usullary we başgalar.Nebiti gaýtadan işlemekde – tehnologiýa prosessi, nebitiň hili, önümleriň görnüşleri, enjamlaryň işleýiş çyzgydy, aýry-aýry nebit önümlerine ülňeleriň talaplaryna we başgalar.

Bulardan başga maddy gymmatlyklaryň ulanylmagyna ulanyş kadalary, olaryň hakykylygy, döwrebaplygy, maddy-tehniki üpjünçiligiň guralyşy, iberilmegiň wagty, görnüşleri täsirini ýetirýär.

Görkezilen materiallaryň hakyky ulanylmagy seljerilýän döwürde geçen döwürdäki meýilnamalaýyn hem-de hakykatda ulanylanlygy bilen deňeşdirilýär:

$$\Delta M=Mh-MM \cdot kn$$

bu ýerde Mh,MM – materiallaryň hakykatda hem-de meýilnamalaýyn ulanylşy, Kn – önümiň öndürilişiniň koeffisiýenti.

Tablisa № 13.

| Görkezijiler | Materiallaryň ulanylşy | | | |
|---|---|---|---|---|
| | Esasy döwürde | Geçen döwürde | Seljerilýän döwürde | |
| | | | Meýilnama | Hakykatda |
| Gorag turbalar, t | 22000 | 21000 | 22000 | 22800 |
| Tomponaž sement, t | 23800 | 24000 | 24800 | 24500 |
| Udel bölegi, kg/m | | | | |
| gorag turba | 36,0 | 35,0 | 34,3 | 34,8 |
| sement | 39,0 | 40,0 | 38,7 | 37,4 |

Prohotkalaryň önüminiň üýtgemegi netijesinde seljerilýän döwürde geçen döwür bilen deňeşdirilende peseldi, ýagny

$$22800 - 21000\frac{655}{600} = 90t,$$ hem-de

$$22800 - 22000 \cdot \frac{655}{610} = 740t,$$

meýilnama bilen deňeşdirilende ýokarlandy, ýagny

$$22800 - 22000 \cdot \frac{655}{640} = 360t.$$

## Bab VI.
## Özüne düşýän gymmatyň seljermesi.

### *6.1.Seljermäniň meseleleri, maglumat çeşmeleri.*

*Özüne düşýän gymmaty* – hil görkezijileriniň esasylarynyň biridir. Onuň peseldilmegi kärhanada girdeýjiniň emele gelmegine, önümçilik harytlara bahalaryň peseldilmegine şeýlelikde halk hojalygyna täsiri uludyr.

Diýmek özüne düşýän gymmatyň peselmegi milli girdeýjiniň ýokarlanmagyna täsir edip halkyň maddy halýagdaýynyň derejesine hem täsir edýär.

Özüne düşýän gymmatynyň peseltmek ýollary haryt önümçiliginiň çykdaýjylarynyň seljermesi esasynda kesgitlenýär. Seljermäniň esasy meseleleri geljekde çykdaýjylary peseltmek. Seljermäniň dowamynda ilki bilen aşakdaky maglumatlar ulanylýar.

*1)kärhananyň durmuş-ykdysady ösüş meýilnamasy onuň bölümleri,*
*2)kärhananyň ýyllyk maglumatlary,*
*3)hasabat maglumatlar,*
*4)gündeki hasabatlar, şeýle-de önümiň özüne düşýän gymmatynyň kalkulýasiýasy.*

Bellenilip geçilen maglumatlardan başga-da ätiýaçlyklary häsiýetlendirilende geçen döwrüň maglumatlar, kadalaşdyryjy maglumatlar, harajatlaryň derejesini häsiýetlendirýän maglumatlar, barlaglaryň aktlary.

### *6.2.Skwažinalaryň gurluşygynyň özüne düşýän gymmatynyň seljermesi.*

Buraw kärhanalarynyň işi seljerilende we hasaba almak, meýilnamalaşdyrylanda aşakdaky düşunjelerden peýdalanylýar: *çenlik, meýilnamalaýyn baha, hakyky harajatlar.*

Buraw işleriniň harajatlarynyň aýratynlygy geologoýa – tehniki şertlerine baglylygyna tapawutlanýar. Soňkylar ähli skwažinalar üçin häsiýetlidir, olary taslama – çenlik resminamalary düzende ulanýarlar.

Skwažinalaryň gurluşygynyň özüne düşýän gymmaty seljerilende skwažinanyň prohotkasynyň hem-de işleriň göwrüminiň özüne düşýän gymmatynyň düzümi seljermeli .Özüne düşýän gymmatyň düzümi burowlamanyň umumy möçberinde harajatlaryň aýratyn maddalarynyň agramy.

Buraw işleriniň özüne düşýän gymmatynyň seljermesini umumy meýilnama baha bermekden, ýagny hakyky hem-de meýilnama maglumatlarynyň deňeşdirilmegi arkaly başlamaly. Absolýut hem-de otnositel ululyklary kesgitlemeli.

Tablisa № 19.

| Özüne düşýän gymmatynyň ugurlary. | Düzümi, % | |
|---|---|---|
| | Skwažinalary dikeltmek | Burawlama |
| 1)Taýýar işleri. | 11,8 | - |
| 2)Buraw enjamlaryň montažy, | | - |
| demontazy, wyşkanyň gurluşygy. | 7,7 | 100,0 |
| 3)Burawlama, şol sanda: | | |
| -materiallar, | 60,5 | 33,0 |
| -aýlyk haky, | - | 6,6 |
| -burow enjamlaryň ulanylmaguna gönükdirilen harajatlar, | - | 28,7 |
| -energetik harajatlar, | - | 5,7 |
| -ulag, | - | 16,2 |
| -gaýry hyzmatlar, | - | 9,8 |
| 4)Geofiziki işler, | 3,9 | - |
| 5)Goşmaça harajatlar, | 12,2 | - |
| 6)Skwažinalary barlagdan geçirmek, | 3,4 | - |
| 7)Ýitgiler, | 0,5 | - |
| Jemi: | 100,0 | |

Tablisa № 20.

| Harajatlaryň maddalary | Hasabat ýylynda ýerine ýetirilen işleriň göwrümi | | Meýilnamadan gyşarma (+,-) | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | Meýilnama | Hakyky | manat | % | |
| | | | | madda | jemine |
| -Taýýarlyk işleri | 655600 | 559700 | -95900 | -14,8 | -0,4 |
| -Burow enjamyň montažy, wyşkanyň gurluşygy | 1280900 | 1254500 | -26400 | -2,3 | -0,1 |
| -Burawlama, jemi | 18624500 | 16482200 | -2142300 | -11,5 | -8,1 |
| Materiallar | 4747800 | 4284600 | -463200 | -9,5 | -1,7 |
| Olardan-obsad turbalar | 1312400 | 1351000 | +38600 | +3,0 | +0,2 |
| -tomponaž sementi | 347400 | 289500 | -57900 | -16,5 | -0,2 |
| -tehniki suw | 463200 | 250900 | -212300 | -44,0 | -0,8 |
| -ýuwujy ergin | 617600 | 675500 | +57900 | +14,6 | -0,4 |
| -himiki reagentler | 791300 | 675500 | -115800 | -14,6 | -0,4 |
| -gaýry materiallar | 1215900 | 1042200 | -173700 | -14,2 | -0,7 |
| 2.Zähmet haky | 1177300 | 1003600 | -173700 | -14,7 | -0,7 |
| 3.Enjamlary ulanmak bilen bagly harajatlar. | 7141000 | 5597000 | -1544000 | -21,5 | -5,8 |
| Olardan: | | | | | |
| -enjamlary saklamak | 984300 | 1312400 | +328100 | +33,7 | +1,3 |
| -dolotany ulanmak | 2045800 | 1254500 | -791300 | -38,5 | -3,0 |
| -buraw turbalary prokaty. | 598300 | 463200 | -135100 | -22,5 | -0,5 |
| -elektrik turbalary prokaty. | 270200 | 347400 | +77200 | +28,1 | +0,3 |
| -buraw turbalaryň ulanylşy. | 694800 | 521100 | -173700 | -25,0 | -0,7 |
| -tok getirijini ulanmak. | 38600 | 19300 | -19300 | -50,0 | 0,0 |
| 4.Energetik harajatlar | 1215900 | 868500 | -347400 | -29,0 | -1,3 |
| 5.Ulag. | 2586200 | 2875700 | +289500 | +11,7 | +1,1 |
| 6.Gaýry hyzmatlar. | 1756300 | 1852800 | +96500 | +5,9 | +0,3 |
| Skwažinalary barlamak. | 2560400 | 1949300 | -611100 | -24,0 | -2,2 |
| Geofiziki işler. | 720600 | 727700 | -7100 | +0,9 | 0,0 |
| Goşmaça harajatlar. | 2676200 | 2489700 | -186500 | -6,7 | -0,7 |
| Jemi: | 26518200 | 23463100 | -3055100 | -11,5 | -11,5 |

Seljerilýän döwürde skwažinalaryň özüne düşýän gymmaty meýilnamadan 3mln manat ýa-da 15% pese düşdi. Esasanam bu ýagdaý, „Burawlama“, „Skwažinalary“ barlamak bilen bagly boldy. Hakyky gyşarma ýüze çykarylandan soň sebäpleri kesgitlenip olaryň hil täsirini ýüze çykarmaly.

Mysal üçin, „Burawlama“ maddasynda materiallarda 463,2 müň manat semende, himiki reagentler, tehniki suwa, gaýry materiallara çykdaýjylaryň azaldylmagy sebäpli tygşytlama boldy. Şol bir wagtda obsad turbalar boýunça -38,6 müň manat hem-de ýuwujy ergin boýunça 57,9 müň manat artykmaç harçlama boldy.

Materiallary ulanmakda ýüze çykýan gyşarma burawlamanyň göwrümi, ýagny olara kesgitleme bahalaryň üýtgemegi bilen bagly bolup biler.

## *6.3.Nebiti gazyp almagyň özüne düşýän gymmatynyň seljermesi.*

Nebit-gazy gazyp almak boýunça özüne düşýän gymmatynyň seljermesini nebiti gazy, haryt önüminiň meýilnamasyna baha bermekden başlamaly, birleşiklerde-ýerleşdirilen önüm boýunça.

Geljekde özüne düşýän gymmatyň hakyky hem-de meýilnamalaýyn çykdaýjylarynyň maglumatlarynyň deňeşdirilmegini ýerine ýetirmeli.

Seljerme aýry maddalar boýunça tygşytlanmagyň absolýut ululygyny ýüze çykarmaly.

Tablisada özüne düşýän gymmatyň maddalar boýunça seljermesi berlen. Görnüşi ýaly nebit we gazyň özüne düşýän gymmaty meýilnama bilen deňeşdirilende 930müň manat ýa-da 0,3% peseldi. Esasanam esasy peselme eneretiki harajatlaryň pese düşmegi (570 müň manat), ýerasty skwažinalaryň bejergisi (510 müň manat), seh çykdaýjylar (32 müň manat), umumy promysel çykdaýjylar (550 müň manat).

Tablisa № 21.

| Görkezijiler | Meýilnama | Hakyky | Meýilnamadan gyşarma | |
|---|---|---|---|---|
| | | | Absolýut tapawut | (%) |
| Nebiti gazy almagyň göwrümi, müň manat. | 15250,0 | 15309,4 | +59,4 | +100,3 |
| Haryt önümiň, müň manat. | 518500 | 520519,6 | +2019 | +100,4 |
| Ýerleşdirilen önümiň göwrümi, müň manat. | 513500 | 516686 | +3186 | +100,6 |

Tablisa № 22.

| Harajatlaryň maddalary | Tygşytlanma | |
|---|---|---|
| | müň manat | (%) |
| -Energetik harajatlar | -570 | -48 |
| -Önümçilik işgärleriň esasy we goşmaça zähmet haky | +32 | +0,2 |
| -Durmuş ätiýaçlandyrma geçirimleri | +38 | +37 |
| -Nebiti ýygnamakda we ulag bilen bermek. | - | - |
| -Nebiti tehnologik taýdan taýýarlamak | - | - |
| -Enjamlary ulanmaga we saklamaga çykdaýjylar. | -510 | -2,2 |
| -Sehiň içindäki çykdaýjylar | -570 | - |
| -Umumy hojalyk çykdaýjylar | +550 | +1,2 |
| -Gaýry önümçilik çykdaýjylar | +100 | +0,8 |
| -Nebiti we gazy gazyp almagyň önümçiligiň özüne düşýän gymmaty | -930 | -0,3 |
| -1t nebitiň özüne düşýän gymmaty | 0-0,6 | 0,3 |
| -Haryt önümiň doly özüne düşýän gymmaty | -930 | -0,3 |
| -1t nebitiň doly özüne düşýän gymmaty. | -0,002 | -0,6 |

Görkezilen maddalar boýunça özüne düşýän gymmatynyň üýtgemeginiň sebäplerini öwreneliň.Elektrik energiýä çykdaýjylar nebit-gazy mahanizirlenen usul bilen gazyp almagyň harajatlary bilen hem-de elektrik energiýasynyň bahasyna bagly.

Fatorlaryň hil taýdan üýtgemegini zynjyrlaýyn usul bilen kesgitleýärler.

$\Delta HeQ=(Qh-Qm)\cdot hm\cdot bm,$

$\Delta Heh=(hn-nm)Qn\cdot bm,$

$\Delta Heb=(bh-bm)\cdot Qn\cdot hh.$

bu ýerde HeQ, Heh, Heb – elektrik energiýasyna harajatlaryň nebitiň, gazyň gazylyp alynmagyna baglylygy,

Qh, Qm – hakyky, meýilnamalaýyn nebitiň gazylyp alynmagy,

Hm, hh – elektrik energiýanyň meýilnamalaýyn, hakyky udel harçlanylyşy,

bh, bm – hakyky we meýilnamalaýyn baha, 1kBT sagat .

Elektrik energiýasyna harajatlaryň peselmegi ilki bilen nebiti mehanizirlenen usul bilen gazyp almak meýilnamasynyň ýerine ýetirilmänligi sebäpli boldy, ýagny 402,7 müň manat.

„Zähmet haky“ maddasy boýunça gymmatlama – 32 müň manat ortaça zähmet hakynyň 1411 manatda 1466,8 manada ýokarlanandygy sebäpli amala aşyryldy. Şeýle-de goşmaça harçlama işçileriň sanynyň ýetmänligi sebäli azaldyldy.

Şeýlelikde madda boýunça harçlama zähmet hakynyň ýokarlanmagy sebäpli boldy.

$\Delta Zh=(826-836)\cdot 1411=-14,1$m.man.

Şu madda boýunça harçlama zähmet hakynyň ýokarlanmagy sebäpli boldy.

$\Delta Zg=(1466,8-1411)826=46,1$müň manat.

Enjamlary ulanmaga we saklamaga çykdaýjylar 510 müň manatlyk skwažinalaryň ýerasty bejergisine bolan harajatlaryň peselmegi arkaly kemeldi.

### *6.4. Nebiti gaýtadan işleýän kärhanalarda özüne düşýän gymmatyň seljermesi.*

Nebiti gaýtadan işleýän senagatda özüne düşýän gymmaty seljerilende ähli harytlyk önüm, tehnologik enjamlar öwrenilýär. Seljermäniň dowamynda meýilnamanyň absolýut we otnositel ululygynyň ýerine ýetirilişini, ösüşini kesgitlemeli.

Ähli deňeşdirilýän döwürde öndürilen önümi – deňeşdirilip bolýan önüm diýlip hasap edilýär. Haryt önümiň özüne düşýän gymmatyň otnositel peselmegi hakyky özüne düşýän gymmatynyň geçen döwrüň özüne düşýän gymmatyna bolan gatnaşygy arkaly hasaplanýar.

$$I = \left[ \frac{\sum Ög \cdot q_1}{\sum Qo \cdot q_1} - 1 \right] \cdot 100$$

bu ýerden:*I – haryt önümiň özüne düşýän gymmatynyň umumy indeksi;*

*Oo, Q1 – geçen we hasabat ýylda özüne düşýän gymmaty, man.*

*q1 – hakyky öndürilen önüm, t.*

Plasta suwy guýmak işleriň göwrüminiň ýokarlanmagy arkaly harajatlaryň ösmegi.

Tablisa № 23.

| Nebit önümleri | Möçberi, müň tonna | | Özüne düşýän gymmaty | |
|---|---|---|---|---|
| | Esasy ýyly | Hasabat ýyly | Esasy ýyly | Hasabat ýyly |
| Awtobenzin | 1000,0 | 1000,0 | 46,0 | 45,0 |
| Kerosin | 500,0 | 500,0 | 38,0 | 37,0 |
| Dizel ýangyjy | 1500 | 2000 | 42,0 | 41,0 |
| Hotelnýa ýangyjy | 2000,0 | 2500,0 | 25,0 | 25,0 |
| Jemi | 5000,0 | 6000,0 | - | - |

Tablisa № 24.

| Nebit önümleri | Birlik önümiň özüne düşýän gymmaty | | Özüne düşýän gymmatyň üýtgemegi | |
|---|---|---|---|---|
| | Esasy ýyl | Hasabat ýyl | Absolýut, man. | Otnositel, % |
| Awtobenzin | 46,0 | 45,0 | -1 | -2,17 |
| Kerosin | 38,0 | 37,0 | -1,0 | -2,63 |
| Dizel ýangyjy | 42,0 | 41,0 | -1,0 | -2,38 |
| Kotelnýa ýangyjy | 25,0 | 25,0 | - | - |

Geljekki döwürde geçiriljek seljermede alnan netijäni üpjün edýän ýagdaýlary kesgitlemeli. Şeýle maksat bilen aýry tehnologik prosessleriň harytlarynyň özüne düşýän gymmatyny seljermeli.

# Bap VII
## Önümçiligiň girdeýjisiniň we düşewintliliginiň seljermesi
### *7.1. Girdeýjiniň we düşewintliligiň meseleleri we çeşmeleri*

Kärhananyň işiniň ykdysady seljermesiniň esasy bölegi girdeýjiniň we düşewintliligiň seljermesi. Göwrümiň, girdeýji almagyň çeşmeleriniň, düşewintliligiň derejesiniň täsir edýän ýagdaýlar seljerilende:

*1)Görkezijiler boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilişi;*
*2)Görkezijileriň dinamikasy;*
*3)Üýtgeşmelere täsir edýän ýagdaýlar;*
*4)Geljekki döwürde girdeýjiniň we düşewintliligiň ösüş ýollary.*

Bazar gatnaşyklary şertlerinde girdeýji tehniki we durmuş ösüşiň esasy çeşmesi bolup durýar.

*Girdeýji we düşewintlilik* – toplumlaýyn görkezijiler, olaryň ululygy öndürilýän önümiň hiline, mukdaryna özüne düşýän gymmatyna, ulanylýan serişdeleriň jemine (esasy we aýlanyşyk) baglydyr.

Şonuň üçin bu görkezijileriň seljermesine aýratyn ähmiýet berilýär.

Girdeýjiniň we düşewintliligiň seljermesiniň çeşmesi bolup: kärhananyň tehniki senagat meýilnamasy, hasabat we hasaba alyş meýilnamasy hyzmat edýär.

Kärhananyň balans boýunça peýdasy iki bölekden ybarat: önümi ýerleşdirmekden alnan peýda, gaýry ýerleşdirmekden alnan peýda.

Girdeýjiniň we düşewintliligiň üýtgemeginiň sebäplerini açmak üçin olaryň ýokarlandyrmak bilen bagly ätiýaçlyklary ýüze çykarmaly.

Gireýjiniň we düşewintliligiň seljermesini burawlamada, nebit-gazy gazyp almakda şol pudaklara häsiýetli ugurlar boýunça geçirmeli.

Kärhana öndüren önümlerini satmak bilen, önümiň özüne düşýän gymmatyny emele getiren harajatlaryň öwezini dolýar we netijede pul serişdesini peýda alýar.

Alynýan peýdanyň möçberi kärhananyň önümçilik, üpjunçilik ýerlemek we maliýe işlerine baglydyr. Şonuň üçin hem peýda hojalygyň netijeliligini umumylaşdyrýan hil görkezijilerdir. Peýdanyň seljermesini geçirmegiň wezipesi peýdanyň meýilnamasyny ýerine ýetirilişine baha bermekden we kärhananyň işgärlerine bagly bolan we bagly bolmadyk sebäpleri anyklamakdan, peýdanyň alnyşynyň çeşmelerine garamakdan, olaryň hojalyk işiniň položitel we otrisatel taraplaryny görkezýänligini anyklamakdan, şeýle hem peýdanyň geljekde artmagyna ätiýaçlyklaryny ýüze çykarmakdan ybaratdy. Önümçiligiň netijeliliginiň esasy görkezijileri peýda we düşewintlilikdir. Olar kärhananyň işini diňe bir önümiň öndürilişi we satylyşy boýunça görkezmäni, tehnologik prosesslerini kämilleşdirmek boýunça, tehniki we guramaçylyk derejesini ýokarlandyrmak boýunça netijeliligini görkezýärler.

## *7.2. Nebiti gaýtadan işleýän kärhanalarda girdeýjiniň seljermesi.*

Nebiti gaýtadan işleýän zawodda girdeýji harytlyk önümi satmakdan alynýan girdeýjiden, şeýle hem haryt satmakdan daşary alynýan girdeýjiden, zyýandan emele gelýär.

Önümi satmakdan alynýan peýda – kärhananyň lomaý nyrhlaryny satylan önümiň özüne düşýän gymmatynyň we önümi satyp alnan girdeýjiniň arasyndaky tapawuda deňdir.

Peýdanyň seljermesi onuň hakyky möçberini meýilnamada göz öňünde tutulan möçberi we geçen ýylyň degişli döwründäki peýdanyň möçberi bilen deňeşdirmekden başlanýar.

Peýdanyň seljermesini geçirmek üçin zerur bolan maglumatlar „Peýdalar we zyýanlar“, „Önümiň ýerlenilişi“

diýlip atlandyrylýan ýörite görnüşlerde, ahyrky maliýe netijeler bilen peýdalanylýar. Girdeýjiniň we düşewintliligiň meýilnama boýunça ýerine ýetirilişini onuň dinamikasynyň we düzüminiň seljermesinden başlanýar. Balans boýunça peýdanyň umumy jeminde göwrümli bölegi ýerleşdirmekden alnan peýdanyň hasabynyň paýyna düşýär.

Ýerleşdirmekden alnan peýda aşakdaky ýagdaýlara bagly: ýerleşdirilen haryt önüminiň göwrüminden, onuň düzüminde, harytlara bolan lomaý bahalardan, olaryň doly özüne düşýän gymmatyndan.

Tablisa № 25.

| Görkezijiler | Geçen ýyl müň man. | Hasabat ýylda müň man. | | Gyşarma (±) | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Meýilnama | Hakykat | Geçen ýyla | | Meýilnamadan | |
| | | | | Müň man. | (%) | Müň man. | (%) |
| Balans boýunça peýda, jemi Şol sanda: | 2423 | 2760 | 3000 | +577 | +23,8 | +240 | +8,8 |
| -harydy ýerleşdirmekden alnan peýda | 2430 | 2758 | 3006 | +576 | +23,7 | +248 | +9,0 |
| -gaýry ýerleşdirmekden peýda | 2 | 2 | -2 | -4 | - | -4 | - |
| -ýerleşdirmek-den peýda girdeýji we çykdaýjy. | -9 | - | -4 | +5 | - | -4 | - |

Ýörite görnüşlerde, ahyrky maliýe netijeler bolsa balansda görkezilýär.

Girdeýjiniň seljermesinde, öňi bilen aýry-aýry hojalyk faktorlarynyň önümi satmakdan alnan girdeýjiniň möçberine we onuň meýilnamada göz öňünde tutulan möçberinden tapawutlanmagyna ýetiren täsiri öwrenilýär.

Köpsanly hojalyk faktorlary seljerilende şeýle usul boýunça toparlara bölünýärler: satylan önümiň möçberiniň üýtgemegi; önümiň hiliniň üýtgemegi, önümiň ýerlenilýän sebitiniň, bahalaryň üýtgemegi netijesinde önümiň nyrhlarynyň üýtgemegi; önümiň özüne düşýän gymmatynyň üýtgemegi (şol sanda önümçilikde özüne düşýän gymmatynyň we önümçilikden başga harajatlaryň üýtgemegi); satylan önümiň düzüm aýratynlyklary (aýratyn önümleriň düşewintliliginiň dürli derejelerinde, harytlyk önümiň satylan möçberiniň meýilnamadakydan üýtgemeginiň täsirini peýdanyň meýilnamadaky möçberini, önümi satmak boýunça meýilnamanyň ýerine ýetirilen göterimine köpeltmek arkaly kesgitleýärler.Şunda meýilnama lomaý nyrhlarda satylan hakyky mukdary meýilnamada göz öňünde tutulan satylma möçberi bilen deňeşdirmeli.

Bahalaryň üýtgemeginiň satylan önüme täsiri, önümiň meýilnamadaky baha boýunça we kärhananyň hakyky bahalarynda satylan möçberini deňeşdirmek arkaly ölçenilýär. Önümi satmagyň hakyky jemi pulunyň, meýilnamada göz öňünde tutulan bahada satylanda alynmaly girdeýjiden tapawudy, önümiň hili üçin bahalara goşmaça goşulmalary ýa-da tersine bahalaryň peseldilmegini görkezýär, ýa-da täze önümlere wagtlaýyn nyrhlaryň güýjiniň ýitirmegini görkezýär.

Peýdanyň seljermeside, onuň möçberine täsir edýän faktorlaryň detallaşdyrmasy:

Girdeýjiniň möçberiniň artmagynda ýa-da azalmagyna täsir edýän faktorlaryň topary hem ýagny önümiň satylan möçberi, önümleriň döreýiş düzümi, onuň özüne düşýän gymmaty bulara hem öz gezeginde dürli faktorlar täsir

edýärler. Dürli – dürli hojalyk faktorlarynyň peýdanyň möçberine edýän täsirini ölçemek üçin, peýdanyň meýilnamadaky mukdaryny,şol faktorlaryň önümiň öndürilişine ýa-da onuň özüne düşýän gymmatyna edýän täsiriniň göterimine (öň kesgitlenen) köpetmek ýeterlikdir. Meselem önümiň öndürilişiniň ortaça ýyllyk mukdarynyň bir işgäre düşýän paýynyň meýilnamadan 3% artyk bolmagynyň netijesinde, peýda hem 3% artyp biler. Zerur bolan ýagdaýynda peýdanyň möçberine täsir edýän zähmet öndürijiliginiň hem ýokarlanmagyna getirýän faktorlary aýratynlykda detallaşdyrmaly munuň hasaplamasy hem ýokardaky ýaly usulda geçirilýär. Önümi satmakdan alynýan peýda, önümiň özüne düşýän gymmatynyň meýilleşdirilen mukdarynyň we hakyky mukdarynyň arasyndaky tapawudynyň ýetirýän täsiri we oňa täsir edýän faktorlaryň hem hasaplamasy şeýle geçirilýär.

Peýdanyň ol ýa-da beýleki hojalyk faktorynyň täsiriniň astynda artmagynyň möçberi şol faktorlar tarapyndan özüne düşýän gymmatyň azalmagyna absolýut summasyna deňdir. Peýdanyň artmagynyň ätiýaçlyklarynyň umumy hasaplamasy. Peýdanyň artmagynyň ätiýaçlyklarynyň hasaplamasy ýerine ýetirilende, ilki bilen onuň önümi satmagyň möçberini artdyrmagyň äriýaçlyklarynyň hasabyna hem-de önümiň hilini ýokarlandyrmagyň, özüne düşýän gymmaty peseltmegiň hasabyna mümkin bolan ýokarlanmalaryny kesgtlemeli.

Satylýan önümiň möçberiniň ätiýaçlyklarynyň artmagynyň hasabyna peýdanyň artmagynyň ätiýaçlyklary hasaplananda satylýan önümiň möçberini artdyrmagyň ätiýaçlyklaryny jemini satylýan önümiň düşewintliliginiň meýilnama boýunça göterimine (%) köpeltmek gerek. (Zawotda lomaý nyrhlara görä 23,52).

Önümiň hilini gowulandyrmagyň hasabyna peýdanyň artmagynyň ätiýaçlyklary önümiň hili üçin onuň nyrhyna goşulan goşmaçany ýokary hilli önümiň möçberine köpeltmek arkaly kesgitlenilýär. Ýöne bu ätiýaçlyk indiki ýylyň

meýilnamasyna goşulmaýar, emma meýilnamalaşdyrmagyň hereket edýän düzgünnamasyna laýyklykda meýilnamany artyk ýerine ýetirmek hökmünde görkeziler.

Peýdany ýokarlandyrmagyň ätiýaçlygy şeýle hem satmagyň beýleki görnüşlerinden gelýän zyýany we önümi satmakdan daşary zyýanlary aradan aýyrmagyň hasabyna hem emele gelýär.

Zawodyň alýan peýdasyny ýokarlandyrmagyň ätiýaçlyklary hasaplananda satmakdan daşary gelýän zyýanyň jemini satmakdan daşary alynýan peýdanyň möçberine barabar azaltmaly. Nebiti gaýtadan işleýän zawodda bu zyýan esasan şertnamalarda düzgün bozulmalar sebäpli tölenilýän jerimäniň jeminden ybaratdyr. Şertnamalar boýunça düzgün-nyzamyň güýçlendirilen ýagdaýynda diňe bir zyýanlar aradan aýrylman (jerime tölenenligi sebäpli), eýsem üpjün edijileriň jerime tölemegi sebäpli artar.Onümi satmakdan daşary alynýan peýdanyň başga görnüşleri peýdany hasaba almakdaky kemçilikler bilen bagly bolup biler (meselem hasabat ýylynda ýüze çykarlan geçen ýyllaryň girdejisi), peýdanyň ätiýaçlygynyň şeýle görnüşi soňraky hasaplamalarda görkezilmeli däldir. Önümiň özüne gymmaty, hili we önümiň möçberi boýunça öň geçirlen meýilnamanyň maglumatlaryny hasaba alyp we hasaplamanyň seredilip geçilen usullaryny ulanmak bilen, seljermesi geçirilýän kärhananyň peýdasynyň artmagynyň jemlemesi tablisa görnüşinde görkezmek bolar.

Tablisa № 26.

| Görkezijiler | Geçen ýyl, müň man. | Hasabat ýyl, müň man. | |
|---|---|---|---|
| | | meýilnama | hakykat |
| Meýilnamalaryň önümçilik özüne düşýän gymmaty. | 10710 | 11200 | 11928 |
| Meýilnamalaýyn we hakyky önümiň özüne düşýän gymmatynyň tapawudy | -68 | - | -33 |
| Ýerleşdirmekden gaýry çykdaýjylar. | 428 | 442 | 747 |
| Jemi doly özüne düşýän gymmaty. | 11070 | 11642 | 12369 |
| Ýerleşdirmekden alnan peýda. | 13500 | 14400 | 15375 |
| Girdeýji. | 2430 | 2758 | 3006 |

Peýdanyň ýüze çykarlan ätiýaçlyklary, ony hasabat ýylynyň meýilnama boýunça peýdasy bilen deňeşdireniňde artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Seljermede peýdanyň ätiýaçlyklaryny hasaplamak şol döwrüň maglumatlarynyň esasynda geçirilýär we ondan soňra olarda gelejekde önümçiligiň gerimini, tehniki ykdysady bazasyny we başga şertleri üýtgetmek boýunça düzedişler girizilýärler. Netijede görkezilen ätiýaçlyklary minimal diýip hasap etmeli ýüze çykarlan ätiýaçlyklary gönükdirmek (ugrukdyrmak) üçin guramaçylyk tehniki we maliýe ykdysady çäreleri geçirmeli.

### *7.3. Düşewüntliligiň seljermesi.*

Düşewüntlilik – bu kärhananyň önümi satmakdan alan girdeýjisini esasy önümçilik fondlaryň ortaça ýyllyk gymmatyna we kadalaşdyrylýan aýlaw serişdeleriniň gymmatyna bolan gatnaşygyna deňdir. Bu görkeziji kärhananyň işgärleriniň zähmet resurslaryny, çig mallary, materiallary, enjamlary ulanmak boýunça işine baha berýän umumylaşdyryjy görkezijidir. Düşewüntliligiň ýokarlanmagy içki senagat tygşytlamalarynyň artmagyna we jemgyýetçilk önümçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

Satylan önümiň düşewüntliligi satmakdan alnan girdeýjini önümiň doly özüne düşýän gymmatyna bölmek arkaly kesgitlenilýär.

Önümiň belli bir görnüşiniň düşewüntliligi önümiň birliginiň satylmagyndan alnan girdeýjiniň önümiň özüne düşýän gymmatyna bolan gatnaşygy arkaly kesgitlenilýär.

Kärhananyň hasaplanylýan düşewüntliligine P has önümçilik fondlaryndan we peýdadan başga-da, fondlaryň gymmatynyň 1manadyna düşýän önümi satmagyň möçberi we önümi satmagyň 1manadyna düşýän peýda täsir edýärler. Bu baglanyşyk aşakdaky formula bilen aňladylýar:

$$Dumumy = \frac{Balpeyda}{Es.s + Ayl} \cdot 100\% = \frac{Bal.peyda}{Es.on.} \cdot 100\%$$

Bal.peýda – balans boýunça peýda,

Es.öň – esasy önümçilik fondlary,

Es.s – esasy fondlar,

Aýl – aýlanyşyk fondlar.

Seljerme geçirmek üçin formulany aşakdaky görnüşe getirmeli.

$$Dumumy \frac{v,}{Es \cdot on} \cdot \frac{Bal.peyda}{v} = f \cdot b \cdot 100$$

Bu ýerde v – ýerleşdirmegiň göwrümi,
f – udel ýerleşdirmek,
b – 1 manatlyk önümi ýerleşdirmekden alnan girdeýji.

Tablisa
№ 27.

| Görkezijiler | Meýilnama | Hakykat | Gyşarma (+,-) |
|---|---|---|---|
| Ýerleşdirilen önümiň göwrümi, manat. | 14400 | 15375 | +975 |
| Ýerleşdirmekden alnan girdeýji, manat. | 2758 | 3006 | +248 |
| Bir manat ýerleşdirilen önümden alnan girdeýji. | 0,1915 | 01955 | +0,004 |

Tabisa № 28.

| Ösüşiň faktory | Ýerleşdirmekden alnan girdeýjiniň üýtgemegi | | Düşewüntlil igiň üýtgemegi (+,-) |
|---|---|---|---|
| | Man. | % | |
| Ýerleşdirilen önümiň möçberiniň ösmegi. | +186,7 | 75,3 | +0,003 |
| Ýerleşdirilen önümiň düzüminiň üýtgemegi. | +31,3 | 12,6 | +0,0005 |
| Önüme düşýän gymmatyň ütgemegi. | +30 | 12,1 | +0,0005 |
| Jemi | +248 | 100 | +0,004 |

Aýratyn ünsi udel ýerleşdirmek görkezijileriň derejesine bermeli, ýagny tejribäniň görkezişi ýaly edaralar üçin şol görkezijileriň ulgamlaýyn ösmegini üpjün etmek kyn bolýar. Udel ýerleşdirmegiň pese düşmegi esasy serişdeleriň netijeli ulanylmagy (enjamlaryň ekstensiw ulanyş koeffisiýentiň pesligi, täze tehnikanyň tehnologiýanyň özleşdirmegiň möhletiniň uzaldylmagy, ýokary tehnologik ýitgiler) ýa-da normirlenen aýlanyşyk serişdeleriň galyndysynyň ösmegi netijesinde.

Ýerleşdirilen önümiň 1manadyna düşýän girdeýji önümçiligiň özüne düşýän gymmatynyň peselmegi, öndürilýän önümiň görnüşiniň üýtgemegi, ýerleşdirmekden daşary girdeýjilere we zyýanlara bagly.

### *7.4. Maliýe seljermesiniň ähmiýeti.*

Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli ykdysady reformalary döwletimiziň ykdysadyýetiniň çalt depginler öňe gitmegini üpjün edýär. Milli ykdysadyýetimiziň barha kuwwatlanmagy halkymyzyň durmuş medeni ýagdaýynyň hasda ýokarlanmagyna alyp barýar. Türkmen topragyndan gazylyp alynýan ýerasty baýlyklar, öndürilýän önümler dünýä ülňelerine laýyklykda işlenip, eksport edilmegi, kärhanalaryň tölege ukyplylygynyň, işjeňliginiň, düşewüntliginiň gowulanmagyna, has takygy, maliýe ýagdaýynyň berkemegine mümkinçilik berýär.

Häzirki döwürde dürli eýeçilik görnüşindäki kärhanalaryň maliýe ýagdaýyny wagtynda we düýpli seljermegiň ähmiýeti iňňän ýokarydyr. Biziň döwletimizde kärhanalaryň, banklaryň, edara-guramalaryň maliýe ýagdaýynyň maliýe gulluklary tarapyndan öz wagtynda we doly seljerme geçirilmeginiň ähmiýeti uludyr.

Kärhananyň maliýe ýagdaýy diýlende, onuň alyp barýan işlerini maliýeleşdirmek ukyby göz öňünde tutulýar. Ol kärhananyň kadaly hereket etmegi üçin zerur bolan maliýe

serişdeleri bilen üpjünçiligi, onuň maksada laýyk ýerleşdirilmegi, netijeli peýdalanylmagy, beýleki edaralar we şahsy taraplar bilen maliýe aragatnaşygy tölege ukyplylyk we maliýe durnuklylygy bilen häsiýetlendirilýär.

*Maliýe durnuklylygy* diýlip, kärhananyň tölege ukyplylygyň wagt babatynda durnuklylygyna, hususy we karzyna alnan pul serişdesini gaýtarmak, ýagny, tölege ukyplylygy üpjün edişine düşunilýär.

Iş ýuzünde önüm ýerleşdirmegiň möçberiniň artmagy gorlarda we debitorlardan algysynda dolanyşyk serişdeleriniň ösmegine getirýär. Eger algydarlaryň düzümi we olar bilen hasaplaşygyň şertnama esaslary üýtgemeýän bolsa, kärhananyň, ylaýtada karzdarlyk bergisi görnüşindäki bergileri artýar. Diýmek, eger önüm ýerleşdirmegiň möçberi köp derejede gorlardan we debitor bergiden, karzdarlyk bergileri debitor bergilerinden tiz ösýän bolsa, onda ýokarda atlary agzalan görkezijiler boýunça tölege ukyplylygyň ýokarlanmagynyň gazanylandygyna şaýatlyk edýär.

Uzak möhletli ösüşde işiň durnuklylygy maliýe ýagdaýynyň iň wajyp häsiýetnamalarynyň biridir. Ol kärhananyň düzüminiň gurluşy, onuň daşarky çeşmeleriň serişdelerini ulanyşy, olary çekmegiň şertleri bilen baglanyşykly algydarlara we maýadarlara garaşlylyk derejesine baglydyr.

Kärhananyň maliýe ýagdaýy durnukly, durnuksyz we ýetmezçilikli bolup bilýär. Kärhananyň wagtly-wagtynda tölegleri hasaplaşyp bilmek, giňeldilen esasda öz işini we maliýeleşdirmek ukyby onuň durnukly maliýe ýagdaýyna şaýatlyk edýär.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde önümçiligi giňeltmek we kärhananyň batmagyna ýol bermezlik üçin maliýe serişdelerini nähili dolandyrmalydygyny, esasy we döreýiş çeşmeleri boýunça maýanyň düzüminiň nähili bolmalydygyny, öz serişdeleriniň, şeýle-de paýlarynyň nähili bolmalydygyny bilmek zerurdyr. Mundan başga-da bazar ykdysadyýetinde

ulanylýan maliýe durnuklylygy, tölege ukyplylyk, işjeňlik, düşewüntlilik we beýleki düşünjeleri bilmek gerek.

Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň seljermesiniň maksady maliýe işindäki kemçilikleri öz wagtynda ýüze çykarmak we olary düzetmek, kärhananyň maliýe ýagdaýyny we tölege ukyplylygyny gowulandyrmagyň goşmaça mümkinçiliklerini tapmakdyr. Sonuň üçin maliýe işiniň dürli görkezijileriniň arasyndaky arabaglanşygy öwrenmek bilen kärhananyň maliýe serişdeleri boýunça üpjünçiliginiň meýilnamasynyň berjeý edilişine we olaryň kärhananyň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmakda peýdalanylyşyna baha bermek, kärhananyň maliýe serişdelerini has netijeli ulanmaga we maliýe ýagdaýyny dyrnyklaşdyrmaga gönükdirilen anyk ykdysady çäreleri işläp düzmek, kärhananyň hojalyk işinde özüniň we gapdaldan çekilen maliýe serişdelerden ugur alyp, mümkin bolan maliýe netijelerini we düşewüntliligi çaklamak zerurdyr.

Maliýe ýagdaýyny seljermek bilen diňe bir kärhananyň degişli gulluklarynyň ýolbaşçylary däl, eýsem, ony esaslandyryjylar, maýadarlar serişdeleriň netijeli peýdalanylyşyny öwrenmek üçin, banklar karz pul bermegiň şertlerine baha bermegiň baha bermek töwekgelçiligiň derejesini kesgitlemek üçin, önüm iberijileri tölegleri öz wagtynda almak üçin, salgyt gullugy býudjete serişdeleriň gelip gowuşmagy baradaky meýilnamany ýerine ýetirmek üçin meşgullanýarlar. Şeýle bolansoň, kärhananyň maliýe ýagdaýynyň seljermesi içerki we daşarky toparlara bölünip geçirilýär.

Içerki maliýe seljermesi kärhananyň maliýe gulluklary tarapyndan geçirilýär. Onuň netijeleri kärhananyň maliýe ýagdaýyny meýilnamalaşdyrmak, gözegçilik etmek we çaklamak üçin peýdalanylýar. Onuň esasy maksady pul serişdeleriniň üznüksiz gelip gowuşmagyny üpjün etmekden, özüniň we daşyndan çekilen serişdeleriň hasabyna ýokary derejede girdeýji almaklygyny gazanmakdan, batmaklygy aradan aýyrmak üçin serişdeleriň üznüksiz gelip gowuşmagyny

hem-de bar bolan serişdeleri aňrybaş derejede girdeýji berer ýaly derejede ýerleşdirmekden ybaratdyr.

Daşarky maliýe seljermesi çap edilip ýaýradylan hasabatlaryň esasynda, maýadarlar, maddy we maliýe serişdelerini karz berýän, gözegçilik ediji edaralar tarapyndan amala aşyrylýar. Onuň esasy maksady ýokary girdejileri üpjün etmek we ýitgileri aradan aýyrmak bilen, serişdeleri amatly ýerleşdirmegiň mümkinçiliklerini keşgitlemekdir.

Umuman Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň özboluşly aýratynlyklaryny we halkymyzyň durmuş-ýaşaýyş derejesini göz öňüne tutýan, şeýle hem daşary ýurtlaryň ösen tejribelerini ulanmaga esaslanan öňden görüjilikli ykdysady özgertmeleri, maksatnamalary kesgitlemegi iňňän uly netijeleri berýär. Täze Galkynyş eýýamynda bu geçirilýän öňden görüjilikli ykdysady syýasat Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ýokary depginli ösüşini mundan beýläk-de ynamly üpjün edýär.

# Bap-VIII
# Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň we maliýe işiniň seljermesi

## *8.1.Seljermäniň meseleleri we çeşmeleri.*

Kärhananyň maliýe meýilnamasy – kärhananyň tehniki senagat meýilnamasynyň tamamlaýjy bölümi bolup bu ýerde kärhananyň umumylaşdyrylan görnüşde girdeýjileri we çykdaýjylary, esasy we aýlanyşyk fondlaryň emele gelşi we ulanylşy, girdeýjiniň paýlanylşy, bank bilen aragatnaşyklar beýan edilýär.

Maliýe işiň we maliýe ýagdaýyň seljermesi kärhananyň işiniň jemleýji seljermesi bolup onda maliýe ýagdaýyna umumylaşdyrylan baha, kärhananyň aýratynlykda hususy hem-de aýratynlykda normirlenen aýlanyşyk serişdeleri, olaryň rejeli ulanylşy, bank kreditleri bilen üpjünçiligi olaryň dogry ulanylmagy, hasaplaryň ýagdaýy kärhananyň tölege taýýarlygy, girdeýjiniň dogry ulanylşy görkezilmeli.

Seljermäniň ahyrynda netije çykarylyp maliýe ýagdaýynyň gowulandyrylmaga gönükdirilen teklipler kesgitlenmeli.

Maliýe seljermäniň maglumat çeşmeleri bolup aşakdaky resminamalar hyzmat edýär:

1)tehniki senagat maliýe resminamanyň („Maliýe meýilnamasy“ ähli bölümleri bilen), kärhananyň kredit meýilnamasy, önümçilige harajatlaryň smetasy we başgalar;

2)hasabat maglumatlar – „Buhgalteriýa balansy goşmaçalary bilen, esasy görkezijileriň jemleýji tablisasy;

3)Öňki bölümleriň seljermesiniň netijeleri.

4)Hasabat meýilnamalar – ähli fondlar we ätiýaçlyklar boýunça buhgalteriýa ýazgylary, girdeýjiler we çykdaýjylar, býudžet we pul serişdeleri satyn alyjylar we iberijiler, bank, işçiler we gullukçylar bilen hasaplaşyklar.

Seljermäniň esasy çeşmesi bolup buhgalteriýa balansy hyzmat edýär. Şol bir wagtda bölekleýin ustaw fondynyň formalaryny, önümçilige harajatlary, maliýe we ýörite fondlaryň hereketi, esasy serişdeleriň we amortizasiýa fondlaryň hereketi, önümi ýerleşdirmek barada hasabat, girdeýjilere çykdaýjylar barada hasabat seljerilýär.

Seljermäniň esasy metody bolup, maglumatlary toparlamak we deňeşdirmek ýylyň başyna we ýylyň ahyryna degişli maglumatlar esaslanýar. Üýtgemäniň sebäpleri eliminirlemek usuly arkaly ýüze çykarylýar.

Seljermäniň yzygiderliligi:

-kärhananyň maliýe meýilnamasynyň we maliýe işiniň umumy seljermesi.

-esasy we aýlanyşyk serişdeleriň seljermesi.

-bankyň kreditleriniň ulanylşynyň seljermesi.

-netijeler we teklipler.

### *8.2.Maliýe işiniň we maliýe meýilnamasynyň umumy seljermesi.*

Maliýe işiniň seljermesini maliýe meýilnamasynyň esasy görkezijileriň jemlemesinden başlamaly. Görkezilen maglumatlarda tutuşlygyna deňeşdirilýän döwürlerde görnüşi ýaly gowulaşdy: girdeýji ýokarlandy, tölege taýýarlyk gowulandy, kredit bergiler azaldy.

Tablisa № 29.

| Görkezijiler | Geçen ýyl | Hasabat ýyl | Gyşarma (+,-) |
|---|---|---|---|
| 1.Balans boýunça peýda. | 20547 | 22850 | +2303 |
| 2.Girdeýjiden tölegler şol sanda býujete. | 14687 | 16371 | +1684 |
| 3.Býujete tölegleriň möhleti geçirilip tölenmegi. | 12417 | 13713 | +1296 |
| 4.Kärhananyň aýlanyşygyndaky girdeýji.(1-2) | - | - | - |
| 5.Hususy we şolara deňeşdirilen serişdeler bilen üpjünçilik. | 5860 | 6479 | +619 |
| 6.Kadadan ýokary bank tarapyndan kreditlenen normirlenen aýlanyşyk serişdeler. | +163 | +439 | +276 |
| 7.Bankda gysga möhletli kreditler bilen üpjünçilik. | 79 | 382 | +303 |
| 8.Wagtynda tölenmedik ssudalar. | +1184 | +254 | -930 |
| 9.Debitor bergiler. | - | - | - |
| 10.Kreditor bergiler. | 829 | 951 | +122 |
| 11.Tölege taýýarlyk: | 1000 | 625 | -375 |
| a)töleg serişdeleriň saldasy | 200 | 800 | +600 |
| b)tölegleriň saldasy | - | - | - |

Girdeýjiniň ýokarlanmagy, şol sanda kärhananyň aýlanyşygyndaky girdeýjiniň ýokarlanmagy täze obýektleriň

işe girizilmegi, kärhananyň ýörite fondlaryna geçirimleriň ýokarlanmagy arkaly amala aşyrylýar.

Ýöne maliýe işiniň geçen döwür bilen deňeşdirilende gowulanmagy meýilnamanyň ýerine ýetirilmänligi, aýry pozisiýalar boýunça bozulmagy arkaly mümkindir.

Şonuň üçin seljermäniň indiki etaby – meýilnama we hasabat görkezijileriň girdeýjiniň we çykdaýjynyň meýilnamasyna laýyk düzülmegi.

Tablisadan görnüşi ýaly serişdeleriň gelmeginde täsirli gyşarma ýüze çykmady. Girdeýjiden başga serişdeleriň çeşmesi bolup düýpli bejergi işlere amortizasiýa töleg, ylymyň tehnikanyň önümçiligiň fondunyň emele gelmegine täsir edýär.Çykdaýjy böleginde meýilnamadan gyşarma gaýry meýilnama harajatlaryna ýüze çykdy. Şonuň üçin bu maddany jikme-jik öwrenmeli.

Býujete bolan tölegleriň hem meýilnama hem-de hakyky maglumatlarynyň arasynda, ýokarda duran edaralara hem-de ykdysady fondlara töleglerde gyşarma görünýär.

Tablisa № 30.

| Çykdaýjylar we geçirimler | Meýil-nama | Haky-kat | Girdeýjiler we serişdeleriň gelmegi | Meýil-nama | Hakyk |
|---|---|---|---|---|---|
| Ykdysady fondlara geçirimler | 11500 | 12068 | Girdeýji | 21411 | 22850 |
| Düýpli bejergi | 3133 | 3123 | Durnukly possiwleriň artmagy | 980 | 1000 |
| Ýokarda suran guramalary geçirimler | 2425 | 2658 | Amortizasiýa geçirimler: | 9120 | 9267 |
| Gaýry meýilnama harajatlar | 79 | 555 | a)düýpli bejergi. | 3133 | 3123 |
| Gaýry possiwler | 980 | 1000 | b)ylmyň, tehnikanyň, önümçiligiň ösüş fonduna | 5987 | 6144 |
| Jemi: | 18117 | 19404 | Jemi gatnaşyklar | 31511 | 33117 |
| Önümçilik fondlary ulanmak üçin tölegler | 5377 | 5561 | | | |
| Zähmet serişdelerine tölegler | 1000 | 1010 | | | |
| Býujete tölegler | 7017 | 7142 | | | |
| Jemi: | 13394 | 13713 | | | |
| Balans | 31511 | 33117 | Balans | 31511 | 33117 |

*Balans boýunça peýda* – kärhananyň girdeýjisiniň we tölegleriň emele gelmeginiň esasy çeşmesidir. Şonuň üçin girdeýjiniň nähili paýlanýandygyny, onuň haýsy böleginiň býujete geçirilýändigini, haýsy böleginiň kärhanada galýandygyny hem-de haýsy maksada gönükdirilýändigini öwrenmeli. Şol bir wagtda girdeýjiniň paýlanmagy kärhananyň işiniň gowulanmagyna, hojalyk hasaplaşyk işiniň pugtalanmagyna täsirini kesgitlemeli. Seljerme üçin maglumatlar kärhananyň hasaplamalarynda bar. Tablisada (30) girdeýjiniň paýlanylşy görkezilen.

Maglumatlardan görnüşi ýaly geçen geçen ýyl bilen deňeşdirilende girdeýjiniň ýokarlananlygy ýüze çykaryldy. Girdeýjiniň ýokarlanan bölegi ykdysady höweslendirme fondlaryň ýokarlanmagyna gönükdirildi. Meýilnama

görkezijileri bilen deňeşdirenimizde ykdysady höweslendirme fondlaryň 7,4% ýokarlanmagy kärhananyň girdeýjisiniň ýokarlanmagy bilen bagly boldy. Beýleki bir bölegi bolsa (kiçi bölegi) býujete töleglere, ýokarda duran kärhanalara bolan tölehlere ýagny ylmyň, tehnikanyň önümçiligiň ösdürilmegine gönükdirildi. Goşmaça alnan girdeýjiniň hasabyna gaýry meýilnama harajatlary hem maliýeleşdirildi. Şeýle-de girdeýjiniň ýokarlanmagy býujete hökmany esasy önümçilik fondlary ulanylmagynyň töleglerine gönükdirildi.

Seljerme geçirilende absolýut otnositel, ululyklary hasaplamalar bilen çäklenmän çykdaýjynyň ugurlary ýüze çykarmaly. Şol maksat bilen girdeýjiniň (jemi bolan-%) her ugur boýunça kesgitlenýär.

Tablisadan görnüşi ýaly girdeýjiden buýjete tölegler 60,1% deň, şol sanda 28,8% esasy önümçilik serişdeleri ulanylmagy üçin hökmany tölegler.

Şol bir wagtda ýokary girdeýjiniň hasabyna kärhananyň işiniň gowulanmagy onuň goramagynda galýan girdeýjiniň paýynyň ösmegine, býujete hem-de ýokarda duran kärhananyň tölegleriniň paýynyň pese düşmegine getirdi.

Girdeýjiniň ýokarlanmagy şeýle-de ylma, tehnika, önümçilige göýberilýän fonduň ýokarlanmagy öz gezeginde täze gurluşyga we täze tehnika bilen üpjünçilige gönükdirildi.

Tablisa № 31.

| Görkezijiler | Geçen ýyl | Hasabat ýyl | | Degişlilikde gyşarma(+,-) | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | Meýil-nama | Hakyky | Meýil-nama bilen | Geçen ýyl bilen |
| A.Balans boýunça peýda | 20547 | 21411 | 22850 | +1439 | +2303 |
| B.Peýdanyň paýlanmagy | | | | | |
| -fondlara töleg | 5417 | 5377 | 5561 | +184 | +144 |
| -zähmet fondlaryna töleg | 980 | 1000 | 1010 | +10 | +30 |
| -ýokarda duran edaralara töleg | 2270 | 2425 | 2658 | +388 | +233 |
| -býujete töleg | 6020 | 7017 | 7142 | +125 | +1122 |
| -ykdysady paýlama fondlar | | | | | |
| -gaýry meýilnama | 5749 | 5513 | 5924 | +411 | +175 |
| Harajatlary(ýaşaýyş-durmuş hojalyk harajatlar, medeni edralary saklamaga harajatlar) | 111 | 79 | 555 | +476 | +444 |

Tablisa № 32.

| Görkezijiler | Geçen ýyl | | Hasabat ýyl | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Meýilnama | | Hakyky | |
| | Müň man. | (%) | Müň man. | (%) | Müň man. | (%) |
| Girdeýjiden ykdysady paýlama fondlara geçirimler. | 5744 | - | 5513 | - | 5924 | - |
| Şolardan ylmyň, tehnikanyň, önümçiligiň ösüş fonduna. | 2477 | - | 2656 | - | 2880 | - |
| Amortizasiýa töleginden ylmyň tehnikanyň önümçiligiň ösüş fonduna. | 2647 | - | 5987 | - | 6144 | - |
| Ylmyň tehnikanyň ösüş fonduna | 5124 | 100 | 8643 | 100 | 9024 | 100 |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Şol sanda-täze gurluşyga | 1725 | 33,7 | 2774,4 | 32,1 | 2833,5 | 31,4 |
| -täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna | 1700 | 33,2 | 2783,0 | 32,2 | 2923,8 | 32,4 |
| -ylmy-gözleg işleri | 130 | 2,5 | 242,1 | 2,8 | 279,7 | 3,1 |
| -kredite tölegler | 22 | 0,4 | 181,5 | 2,1 | 81,2 | 0,9 |
| -hususy aýlanyşyk serişdeleriň kadasynyň ösüşi | - | - | 155,6 | 1,8 | 153,4 | 1,7 |
| -uzakmöhletleýin bergileri ýapmak | 1000 | 19,5 | 1434,7 | 16,6 | 1606,3 | 17,8 |
| -ätiýaçlyklaryň emele gelşi | 547 | 10,7 | 1071,7 | 12,4 | 11461 | 12,7 |

Tablisa № 33.

| Görkezijiler | Hasap çyzgydy | Jemi, man. |
|---|---|---|
| 1.Esasy önümçilik serişdeleriň ortaça ýyllyk bahasy | | 257354 |
| Şolardan: | | |
| a)ortaça ýyllyk ilkibaşdaky skwažinalaryň bahasy. | | 204419 |
| b)galyndysy bahasy boýunça | | 135087 |
| 2.Önümçilik senagat fondlar (gaýry) | 1p-1ap | 53135 |
| 3.Normirlenen ortaça ýyllyk aýlanyşyk serişdeler | | 7900 |
| 4.Gurulmadyk enjamlaryň meýilnamadan daşary ortaça ýyllyk | | 1138 |
| bahasy. | 2p+3p+4p | 62173 |
| 5.Esasy önümçilik serişdeleriň jemi: | | |
| a)ilkibaşdaky bahadan 6% | Vap·0,6+ | |
| b)galyndy bahadan 11,25% | 2Vg·0,11 | 135087 |
| 6.Fondlara tölegler. | | 18928 |

Ylmy gözleg işleriniň giňeldilmegine, geljek döwür üçin serişdeleriň ýokarlanmagyna getirdi.

Balans boýunça peýdanyň seljerme çyzgydy nebit-gaz pudagynyň degişli pudaklaryna degişli.

Nebit gaz pudagynyň fondlaryna bolan töleg aýratynlyklaryny hasaba almaly. Nebiti gaýtadan işleýän pudakda önümçilik fondlaryna bolan töleg ilkibaşdaky

tölegden ortaça 6% kesgitlenen. Skwažinalaryň tölegi galyndy bahadan 17,25% alynýar. Şeýlelikde skwažinalaryň tölegi olaryň ulanylşynyň birinji tapgyrynda alýarlar, ýagny şol döwürde ýerleşdiriş we girdeýjiniň göwrümi diýseň ýokary bolýar.

Nebit-gazyň alýan kärhanada önümçilik fondlaryň tölegi tablisada berlen. Buhgalteriýa balansyň esasy harajatlarynyň ugurlary indiki punklarda berlen.

### *8.3.Kärhananyň esasy we aýlanyşyk serişdeleriniň seljermesi.*

Kärhananyň maliýe ýagdaýy buhgalteriýa balansyň maglumatlaryna esaslanyp seljerilende esasy serişdeleriň köneliş derejesi, olaryň bejergisine ulanylýan serişdeler (esasanam düýpli bejergi), esasy serişdeleriň möçberi kesgitlenmeli.

Kärhananyň esasy serişdeleriniň jemini balansyň ilkibaşdaky bahasynda görkezýärler; passiwde, azdelde olaryň köneliş jemi görkezilýär. Esasy serişdeleri umumy bahasyndan könelişinň jemini aýyryp galyndy bahasy kesgitlenýär.

Kärhananyň esasy serişdeleriň üýtgemegini anyk maglumatlara esaslanyp görkezeliň (tablisa ...) Hasabat döwründe esasy fondlar 7258 müň man. Şonuň netijesinde esasy serişdeleriň könelmegi 42,25 deň boldy, ýagny:

$$\frac{35233}{83491} \cdot 100 = 42{,}2\%$$

Geçen ýylda täze esasy serişdeleriň işe girizilmegi 3181 müň manada deň boldy, şonda köneliş 4727 müň manat ýokarlandy. Netijede esasy serişdeleriň könelmegi

$$Kk = \frac{k}{Es..y.ah.} \cdot 100$$

Kk-esasy serişdeleriň könelişiň jemi, müň man.

Es.ý.ah.-ýylyň ahyrynda esasy serişdeleriň bahasy, müň man;

Biziň mysalymyzda ol 47,6% deň boldy.

$$Kt = \frac{= T}{Es.yah} \cdot 100\%$$

T-täze esasy serişdeleriň işe girizilmegi.

Biziň mysalymyzda ol 4,2% deň boldy. Şeýlelikde köneliş koeffisiýenti olaryň täzeleniş koeffisiýentinden has öňe gidýär, netijede, olaryň ýaramlylyk derejesi pese düşdi, ýagny bu derejäni işe ýaramlylyk koeffisiýenti häsiýetlendirýär ol bolsa 52,4% çenli peseldi.

Işe ýaramlylyk koeffisiýenti

$$Ky = \frac{Esg}{Esya}$$

Es.g-esasy serişdeleriniň galyndy bahasy, müň. manat.

Hasabat ýylda enjamlaryň täzeleniş koeffisiýenti (esasy fondlaryň täze girizilmegi 7689 müň man.deň boldy) olar könelişinden ýokary boldy (täzeleniş koeffisiýenti 92%, köneliş koeffisiýenti bolsa 42,2% deň boldy); netijede olaryň işe ýaramlylygy 57,8% çenli ösdi.

Ýöne geçen ýylda hem-de hasabat ýylda könelişen serişdeleriň hatardan çykarylmagy pes boldy, degişlilikde 0,4 we 0,5%.

$$Kç + \frac{ç}{Eya} \cdot 100$$

Ç-esasy serişdeleriň hatardan çykarylmagy, müň man.

Bu bolsa kärhanada täzeleniş işiniň diňe täze satyn alynýan serişdeleriň hasabyna, ýagny könelişenleriň bejergisiniň amala aşyrylmaýandygyny aňladýar, bu bolsa harajatlaryň ýokarlanmagyna getirýär (olaryň ulanylşyna, bejergi işlerine çykdaýjylaryň) şeýlelikde zähmet öndürijiligi hem pese düşýär.

### *8.4.Töleg taýýarlygynyň we hasaplamalaryň ýagdaýynyň seljermesi.*

*Bu seljermäniň maksady* – kärhananyň iş ulgamynyň dowamynda beýleki kärhanalar bilen hasaplaşyk gatnaşyklaryna girmegi, özara tölegleriň ýerine ýetirilmegi.

*Debitor bergidarlyk* – kärhananyň dolanşygyndan serişdeleriň, alyjylara iberilen harytlara we hyzmatlara bergileri bilen bagly aýrylmagyna aňladýar.

*Kreditor bergidarlyk* – durnukly passiwler düýpli bejergi işlere amortizasiýa töleglerden banka iberijilere kärhananyň bergileri.

*Töleg ukyplylygy* diýip kärhananyň öz gysga möhletli bergilerini üzüp bilijilik ukybyna aýdylýar. Kärhananyň töleg serişdelerine:

*1)pul serişdelri,*
*2)gymmat bahaly kagyzlary,*
*3)debitor bergileriniň bir bölegi.*

(olaryň karhsys gaýdyp geljegi barada doly ynanç bolan bölegi) degişlidir.

Kärhananyň töleg serişdeleriniň jeminiň gysga möhletli bergilerinden agdyklyk etmegi onuň tölege ukyplylygyny ýa-da ukyply däldigini aňladýar.

Tablisa № 34.

| Görkezijler | Geçen ýyl | Hasabat ýyl | Gyşarma (+,-) |
|---|---|---|---|
| Debitor bergidarlyk müň man. | 829 | 951 | +122 |
| Şol sanda: | | | |
| a)wagtynda tölenmedik iberilen harytlar, tabşyrylan harytlar | 800 | 912 | +112 |
| b)gaýry debitorlar | 29 | 39 | +10 |
| Kreditor bergidarlyk müň man. | 1000 | 625 | -375 |
| Şol sanda: | | | |
| a)tölemeli wagty dolmadyk iberijileriň akseptirlenen töleg resminamalary | 800 | 400 | -400 |
| b)fakturlanmadyk ibermeler | 10 | 12 | +2 |
| w)gaýry kreditorlar. | 190 | 213 | +23 |

Bergiler barada maglumatlar buhgalteriýa balansynda bar. Seljermäniň dowamynda olaryň ösüşi, emele gelmeginiň sebäpleri geljekki döwürde peselmegi (tablisa 35) görkezilen.

Wagtynda tölenmedik iberilen harytlar boýunça bergiler özüne ünsi jemleýär (112 müň manat); bu örän wajyp maliýe kynçylyklary döretmegi mümkin. Şeýle ýagdaýda sebäpleri ýüze çykarmaly alyjynyň tölege ukyplylygy barada maglumat berilmeli, banka bergileriň tölenmelidigini ýatlatmaly.

Kreditor bergiler wagtylaýynça aýlanyşyk serişdeleri ýokarlandyrýar. Onda-da olaryň peselmegi kärhananyň oňat işleýänliginiň alamatydyr.

Maliýe ýagdaýy seljerilende krediror bergileriň formalaryny ýüze çykarmaly,ýagny: täze düýpli gurluşyga niýetlenen banka amortizasiýa tölegleriň öz wagtynda tölenmegi, zähmet haky boýunça bergileriň az möçberde bolmagy, durmuş ätiýaçlandyrma tölegler.

Zähmet haky we durmuş ätiýaçlandyrma boýunça bergiler olaryň iki hepdelik möçberinden ýokary bolmaly däldir.

Tablisa № 35.

| Gezege ýetýän tölegler | Jemi müň man. | Töleg serişdeler | Jemi müň man. |
|---|---|---|---|
| Durmuş ätiýaçlandyrma hem-de zähmet hakyna bergiler<br>Iberijilere bergiler<br>Ýoldaky hasabat resminamalara ssudalar<br>Gaýry tölegler<br>Ýörite fondlary üpjün etmek | 190<br><br>500<br>100<br><br>200<br>50 | Pul serişdeleri<br>Tölenmeli wagty gelmedik iberilen harytlar<br>Taýýar önüm<br>Gaýry debitorlar | 1000<br><br>200<br><br>600<br>40 |
| Jemi | 1040 | Jemi | 1840 |
| Töleg serişdeleriň saldosy | 800 | Tölegleriň saldosy | - |
| Balans | 1840 | Balans | 1840 |

Töleg taýýarlygyň seljermesi geçirilende kärhanada geljekki tölegler zerur bolan serişdeleriň barlygy barlanylmaly. Seljerme balansa esaslanyp geçirilýär, ondan töleg borçlary we töleg serişdeleri seljerilýär (tablisa 36).

Eger-de töleg serişdeleri geljekki töleglerden ýokary bolsa, onda kärhananyň maliýe ýagdaýy degisli derejede durnukly hasap edilýär. Seredilýän mysalda töleg serişdeleriň artmagy (1840-1040)-800 müň manaa deň, bu bolsa maliýe ýagdaýyň ukyplydygyny aňladýar.

Geljekki döwrüň tölegleriniň ýokary bolmagy jikme-jik sebäpleri öwrenilmegini talap edýär, bu bolsa maliýe kynçylyklaryň bardygyny aňladýar.

# Bap IX
# Gurluşyk guramalarynyň hojalyk işiniň seljermesi

## *9.1.Seljermäniň meseleleri we çeşmeleri*

*Düýpli gurluşyk* – bu esasy serişdeleriň önümçiliginiň giňeldilen görnüşi, onuň netijesinde önümçilik kuwwatlyklaryň meýilnamalaýyn ösüşi, bar bolan kärhanalaryň giňeldilmegi hem-de täzeleriň döredilmegi, täze döwrebap tehnologiýa bilen senagatyň üpjünçiligine täsir edýär.

Nebit gaz pudagynyň ösdürilmegi täze nebit ojaklarynyň özleşdirilmegi, täze nebitli etraplaryň açylmagy bilen bagly. Bu bolsa nebiti burawlamak bilen, nebiti-gazy ulag bilen eltmek, täze obýektleriň gurluşygy, kuwwatlyklaryň taýýarlygy, enjamlaryň bejergisini, umumy önümçilik desgalaryň gurulmagyny aňladýar. Düýpli gurluşyga her ýylda serişdeler göýberilýär-düýpli goýumlar. Nebiti gazy gazyp alýan önümçilik – agyr senagatyň arasyndaky iň iri maýa goýulýan pudak. Nebiti gazyp alýan çäkde düýpli maýa goýumlar üç ugur boýunça paýlanýar.

*1)nebitiň gazyň ätiýaçlyklaryny taýýarlamak,*

*2)senagat gurluşygy,*

*3)senagat däl gurluşygy.*

Nebit-gaz senagatynyň ösüşine gönükdirilýän maýa goýumlaryň 60% harajatlaryň gözleg we ulanyş burawlama eýeleýär. Nebit gaz ýataklaryny burawlamak gurluşyk industriýasynyň ýörite pudagy bolup durýar.

Nebit-gaz gazyp alýan dolandyrmalar (NGGAD) üçin buraw guramalar düýpli gurluşyk işleri alyp barýarlar hem-de buýrugy hökmünde çykyş edýärler. Ulanyşa tabşyrylýan skwažinalar NGGAD-nyň esasy serişdeleriniň düzümine girýär.

Ähli düýpli maýa goýumlaryň esasy bölegi buraw işleriň paýyna düşýär. Buraw edaralaryň önümçilik – hojalyk işiniň netijeleri nebit gaz senagatynyň hojalyk işiniň

netijeliligine täsir edýär, sebäbi skwažinalara bolan çykdaýjylar nebitiň we gazyň gazylyşynyň özüne düşýän gymmatynyň esasy bölegine girýär.

Seljermäniň meselesi esasy – tehniki ykdysady görkezijileriň önümçilik meýilnamasynyň ýerine ýetirilişiniň derejesini, dinamikasyny, onuň derejesine täsir edýän sebäpleri, şonuň esasynda hem buraw işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak ätiýaçlyklaryny ýüze çykarmak.

Seljermäniň maglumatlary bolup meýilnama resminamalary, buraw edralaryň hasabatlary, tehniki senagat meýilnama, wagtyň balansy, buraw žurnallary we raportlary we beýleki resminamalar hyzmat edýär.

## *9.2.Buraw kärhanalarynyň önümçilik meýilnamasynyň seljermesi.*

Buraw kärhananyň önümçilik – hojalyk işi onuň dürli taraplaryny häsiýetlendirýän görkezijiler ulgamy bilen bahalandyrýar. Burawlamada işleriň göwrümi natural görkezijilerde ölçelýär:

*-buýurja tabşyrylan skwažinalaryň sany burawlamanyň naksady boýunça;*

*-metr ölçegde prohotka;*

*-nebitiň gazyň ätiýaçlyklarynyň ösüşi.*

Bahalaýyn ölçegde – smeta bahada skwažinalaryň gurluşygynyň iş göwrümi,müň manat. Buraw edaralary önümçiligiň tehniki-ykdysady görkezijileriniň derejesini meýilnamalaşdyrýarlar:

*1)skwažinalaryň gurluşygynyň başlanan wagtynda işiň ahyryna çenli iş siklina wagtyň harajatlary (burawlamanyň maksady we jemi burawlama boýunça),*

*2)burawlamanyň kommersiýa tizligi (burawlamanyň maksady boýunça),*

*3)burawlamanyň sikl tizligi,*

Burawlamanyň shemasy buraw ulanylşy boýunça tablisada berlen.

Biziň mysalymyzda prohotkanyň göwrümi artygy bilen ýerine ýetirildi, ýagny% (5skwažina).

Burawlamanyň göwrümi boýunça meýilnama görkezijileriň artmagy hemişe amatly däl, sebäbi buraw edaralaryň önümi skwažinalar çäkli islegden peýdalanýar. Skwažinalaryň sany olaryň yzygiderli gurulmagy nebit ojagynyň taslamasyna baglydyr. Taslamadan ýokary buraw işlerine ýol berilmeýär. Eger-de buraw edarasy prohotkanyň göwrüminiň meýilnamasyny ýerine ýetirip bilse, bu ýagdaýa zerurlyk bolmasa, şonda buraw enjamlaryň sanyny kemeltmeli, bu hem öz gezeginde udel maýa goýumlarynyň özüne düşýän gymmatyň peselmegine getirer.

Burawlamanyň göwrümini iki usul bilen ýokarlandyryp bolar:

*1)goşmaça buraw enjamlaryň işe girizilmegi,*

*2)bar bolan buraw enjamlarynyň ulanylşy arkaly buraw tizliginiň ýokarlandyrylmagy,* bu bolsa kärhananyň iş netijeliliginiň ýokarlanýandygy sebäpli bolup bilýär.

Tablisa № 36.

| Görkezijiler | Esasy ýyl | Geçen ýyl | Hasabat ýyl | | Gyşarma degişlilikde, %. | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Meýil-nama, boýun-ça | Hakyky | Esasy döwür bilen | Geçen yyl bilen | Meýil nama bilen |
| Burawlamanyň göwrümi müň man. | 188,0 | 175,0 | 179,0 | +2,6 | +102 | +102 | +7,9 |
| Buýuryja tabşyrylan skwažinalar, müň man. | 72 | 70 | 75 | -2,8 | -2,8 | - | -6,7 |
| Ýerine ýetirilen işleriň smeta bahasy, müň man. | 24830 | 25300 | 24600 | +6,7 | +6,7 | +6,7 | +7,7 |
| Gurluşyk siklina çykdaýjylar, gün. | 153,6 | 159,1 | 115,8 | -10,0 | -10,0 | -10,0 | +19,3 |
| Burawlamanyň kommersoýa tizligi, m/st-aý | 783 | 700 | 814 | +10,9 | +10,9 | +10,9 | +6,7 |
| Burawlamanyň dowamlylygy, st-aý. | 240,1 | 250,0 | 220,0 | -7,5 | -7,5 | -7,5 | +1,0 |
| Gurluşygyň sikl tizligi m/st-aý. | 459 | 439,6 | 478,3 | +4,2 | +4,2 | +4,2 | 16,1 |

Seljermede faktorlaryň prohotkanyň göwrümine hil görkezijileriň täsirini ýüze çykarmaly.

$\Delta AV=(Vh-Vm)V \cdot Bh$

$AT=(Bh-Bm) \cdot Vm$

bu ýerde: **Vh, Vm** – burawlamanyň hakyky we meýilnamalaýyn komersiýa tizligi, m/st-aý. **Bh we Bm** – burawlamanyň we hakyky burawlamanyň wagty, st-aý.

Deňeşdirmäni esasy we geçen döwür bilen geçirmeli. Biziň mysalymyzda kärhana burawlama tapgyrda hil taýdan öz işini ýokary galdyrdy. Seljerilýän ýylda prohotka boýunça meýilnama 14 müň m.artdy. 814 den 869 m/st-aý ýokarlanmagy (6,7%) prohotkanyň ösmegine getirdi.

Av=(869-814)222,2+12,2 müň metr.

Burawlamanyň stanko-aý sanynyň üýtgemegi netijesinde prohotka ýokarlandy.

At=(222,2-220)814=1,8 müň metr.

Geçen hem-de esasy döwür bilen deňeşdirilende buraw göwrümi 18,0 deň 5,0 müň metre deň boldy, onuň ösüşi bir ýagdaýyň täsiri netijesinde amala aşdy – burawlamanyň komersiýa tizligi.

Avg=(869-700)222,2=37,5 müň metr.

Ave=(869-783)·222,2=19,1müň metr.

Kommersiýa tizliginiň ýokarlanmagy buraw enjamlaryň sanynyň kemeldilmegi bilen utgaşyp geçdi. Bu bolsa burawlamanyň göwrüminiň kemeldilmegi getirdi.

Awg = (222,2-250)·700 = -19,5 müň metr.

Awe = (222,2-240,1)783=-14,1 müň metr.

Şeýlelik-de buraw kärhana prohotka boýunça öz işini gowulandyrdy: burawlamanyň sanynyň st/aý kemeldilmegi arkaly prohotkanyň göwrüminiň kemeldilmegi gazanyldy.

Skwažinanyň gurluşyk prosessi öz işine taýýarlyk işlerini wyşkanyň we enjamlaryň montažyny, skwažinanyň stwolynyň burawlamasyny onuň berkidilmegini, netijeli barlag işleri alýar. Ähli işlere bolan işleriň ýerine ýetirilmegini "önümçilik wagty" diýip atlandyralyň.

Prohotkanyň önümi buraw enjamlaryň sanyna, kalendar döwürde buraw enjamlaryň ulanylyş derejesine, mehaniki burawlamanyň udel agramyna bagly.

$$A=Tk \cdot K1 \cdot K2 \cdot Vm$$

Bu ýerde Tk – skwažinanyň gurluşygynyň dowamlylygy st/aý

K1 – buraw enjamyň ulanylyş koeffisiýenti,

K2 – burawlamanyň mehaniki tizligi, m/st.aý.

Şeýlelikde buraw stanoklaryň prohotka täsiri hasaplanýar.

$\Delta At = \Delta Tk \cdot K1 \cdot$

Buraw enjamlaryň öndürijilikli ulanylşy boýunça

$\Delta Ak1 = Tk \cdot \Delta K1 \cdot K2 \cdot Vm$

Skwažinalaryň buraw wagtynyň derejesi boýunça

$Ak2 = Tk \cdot K1 \cdot \Delta \cdot Vm$

Mehaniki tizligiň üýtgemegi

$\Delta AV = Tk \cdot K1 \cdot K2 \Delta Vm$

Seredilýän mysalda hasaplar N 36-nji tablisa esaslanyp geçirildi. Seljermäniň esasynda hasabat döwründe esasy döwri bilen deňeşdirilende buraw işleriň 1,5 müň metr ýokarlanandygyny, olaryň wagt boýunça ulanylşynyň iş göwrüminiň 6,8 müň metr. Ýokarlanmagyny ýüze çykardyk, ýöne kömekçi operasiýalaryň wagtynyň uzaldylmagy burawlamanyň göwrümini 0,2 müň man. kemeltdi, mehaniki tizligiň peselmegi bolsa buraw işleriniň göwrüminiň 3,1müň metr kemeldilmegine getirdi.

Önümçilik hojalyk işiniň oňaýsyz täsir ýetiren sebäpleri aýry öwrenmeli.

## *9.3.Dolotolaryň iş görkezijileriniň seljermesi.*

Prohotkanyň stwolynyň skwažinasynyň işjeňligi birnäçe görkezijiler arkaly kesgitlenýär

*1)Prohotkanyň mehaniki tizligi*

$$v_m = \frac{A}{tb}$$

A – buraw göwrümi, m

Tb – mehaniki burawlamanyň wagty, s

Tablisa № 37.

| Görkezijiler | Esasy ýyl | Hasab at ýyl | Gyşar ma (+,-) | Prohotkanyň üýtgemegi | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Müň metr | % |
| Burawlamanyň göwrümi müň man. | 188 | 193 | +5 | + | +2,7 |
| Burawlamanyň gurluşygynyň dowamy, st/aý | 370,5 | 373,4 | +2,9 | +1,5 | +0,8 |
| Buraw enjamyň ulanyş koeffisiýenti | 0,08 | 0,8495 | +0,0295 | +6,8 | +3,6 |
| Mehaniki burawlamanyň model wagty | 0,1185 | 0,1185 | -0,0001 | -0,2 | -0,1 |
| Mehaniki tizlik m/st-aý | 5222 | 5140 | -82 | -3,1 | -1,6 |

*2)Dolota prohotkasy (reýs)*

$$h = \frac{A}{n}[m]$$

N – ulanylan dolotalaryň sany.

*3)Prohotkanyň reýs tizligi*

$$v_p = \frac{A}{tb + tsp + tn + tsd}[m/s]$$

tcp, tn, tsd – galdyrma-düşürme operasiýalaryň dowamlylygy, s.

*4)Burawlamanyň tehniki tizligi*

$$v_t = \frac{A}{T_o}[m/st - ay]$$

Tö – burawlamanyň öndürijilikli wagty, st- aý

Dolotanyň işi birnäçe ýyllar boýunça öwrenilýär, ýa-da onuň derejesi esasy we geçen ýylyňky bilen deňeşdirilýär.

Dolotanyň işiniň görkezijileriniň gowulanmagy burawyň mehaniki tizliginiň kemelmegine täsirini ýetirip prohotkanyň tizligine täsir etdi.

Burawlamanyň tizligi bilen buraw brigadalaryň iş wagtynyň kalendar fondyň ulanmagy hem bagly.

Tablisa № 38.

| Görkezijiler | Esasy ýyl | Geçen ýyl | Hasabat ýyly | Gyşarma (+,-),% | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Esasy ýyl | Geçen ýyl |
| Prohotkanyň mehaniki tizligi, m/s | 6,9 | 6,0 | 7,3 | +5,8 | +21,7 |
| Dolotanyň prohotkasy,m | 18,5 | 16,4 | 20,0 | +8,1 | +21,9 |
| Prohotkanyň reýs tizligi | 5,8 | 4,8 | 6,2 | +6,9 | +29,1 |
| Burawlamanyň tehniki tizligi, m/st-aý | 1088 | 986 | 1174 | +7,9 | +19,0 |
| Skwažinanyň ortaça çuňlugy. | 2350 | 2330 | 2200 | -6,4 | -5,6 |

### *9.4.Burawlamanyň kalendar wagtynyň ulanylşynyň seljermesi.*

Burawlamanyň kalendar wagtynyň ulanylmagy ony düzýän elementlerden başlamaly.

Şonuň üçin wagt balansyň düzümini öwrenýärler.

Skwažinanyň gurluşyk doly sikli öz içine taýýarlyk işleri ýagny wyşkany dikeltmek hem-de skwažinanyň soňky obýekitiniň barlagy öz içine alýar.

Gurluşyk öz içine esasy 3 tapgyry alýar:

*1) Wyşkany gurmak* – skwažinanyň gurmaklygyň taýýarlyk işlerinden başlap burawlamanyň başlanmagy,

*2)Burawlama* – burawlamanyň taýýarlyk işlerinden instrumentleriň keprilere zyňylmagy,

3)*Barlamak* – barlag işleri, işiň başlamaga garaşylýan wagt.

Tablisada skwažinanyň gurluşyk işleriniň doly sikli görkezilen. Görnüşi ýaly hasabat ýylda doly sikliň dowamlylygy esasy ýyl bilen deňeşdirenimizde gysgaldy.

Bu ýagdaý diňe kommersiýa tizligi bilen bagly. Gurluşyk – gurnama işleriň dowamlylygy hem-de skwažinanyň barlag netijeliligi kemeldilen. Aýratyn hem wyşkalaryň gurluşyk, montaž işleriniň öndürijilikli işleriniň pes udel agramyna üns bermeli (47,2%). Skwažinlaryň barlagy (27,6%).

Tablisa № 39.

| Işleriň görnüşleri. | Esasy ýyl | Geçen ýyl | Hasabat ýyl | |
|---|---|---|---|---|
| | | | meýilnama | Hakyky |
| Gurluşyk-gurnama işleri,gün.<br>Şol sanda öndürijilikli wagt, %<br>Önüdirijilikli wagtyň udel agramy,%<br>Burawlama, gün<br>Barlag, gün<br>Şol sanda öndürijilikli wagt.<br>Öndürijilikli wagtyň udel agramy% | 18<br>9,8<br><br>54,4<br>99,6<br>36<br>10<br><br>27,7 | 17<br>9,0<br><br>52,9<br>107,1<br>35<br>9<br><br>25,7 | 16<br>8,0<br><br>50,0<br>87,8<br>12<br>11<br><br>91,7 | 18<br>8,5<br><br>47,2<br>82,2<br>38<br>10,5<br><br>27,6 |
| Jemi: doly öndürijilikli wagtyň sikli, gün | 153,6 | 159,1 | 115,8 | 138,2 |

Sanalan görkezijilerden başga nebitiň, gazyň ätiýaçlyklarynyň ösüşi, ýagny ätiýaçlyklaryň kategoriýasy seljerilmeli.

## Edebiýatlar


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). Aşgabat, 2009.
7. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin» Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.
8. «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasy. «Türkmenistan» gazeti, 2003-nji ýylyň, 27-nji awgusty.
9. «Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy». Aşgabat, 2006.
10. Абрютина, М.С. Экономика предприятия: Учебник.- М.: Высшая Школа, 2006. – 480с.
11. Анализ хозяйственной деятельности в промышленности: Учебник/ Под редакцией Семёнова В.И. – М: Высшая школа, 2006. – 480 с.
12. Булатова З.П., Юдина Л.Н. Технико-экономический анализ хозяйственной деятельности. - М., 2004
13. Колядов Л.В., Матвеев Ф.Р., Отвагина Л.Н. Анализ эффективности и финансовой стабильности предприятия. – М.: Недра, 2007.–213 с.

14. Любушин Н.П., Лещева В.Б., Дьякова В.Г. Анализ финансово-экономической деятельности предприятия. – М.: ЮНИТИ, 2000
15. Савицкая Г.В. Анализ хозяйственной деятельности предприятия. М.: ИНФРА-М, 2006
16. Сергеев И.В., Веретенникова И.И. Экономика организаций (предприятий): учеб. для вузов / Под ред. проф. Сергеева И.В.- М.: ПРОСПЕКТ, 2005
17. Скляренко В.К., Прудников В.М. Экономика предприятия. Учебник.- М.: ИНФРА-М, 2005
18. Современный экономический словарь. Райзберг Б.А., Лозовой Л.Ш., Стародубцева Е.Б. - М.: ИФРА-М, 2006
19. Шеремет А.Д. Анализ и диагностика финансово-хозяйственной деятельности предприятия. –М.: ИНФРА, 2006
20. Шеремет А.Д. Комплексный анализ хозяйственной деятельности.- М.: ИНФРА-М, 2006
21. Internet maglumatlary.

**Mazmuny**

Giriş..........................................................................................7
Bap-I.Nebit we gaz senagatynyň kärhanalarynda tehniki ykdysady seljermäniň guralyşy we usulyýeti, çeşmeler..........................................................................................10
1.1Tehniki-ykdysady seljermäniň wezipeleri.....................10
1.2. Kärhanalarda analitiki işleriň guralyşy………………...14
1.3.Seljermäni geçirmegiň usullary……...…………………19
Bap-2. Onümiň hiliniň göwrüminiň görnüşiniň ykdysady seljermesi................................................................................…28
2.1.Onümiň hiliniň¸ göwrüminiň¸ görnüşiniň meseleleri we çeşmeleleri...............................................................................28
2.2.Nebitgaz kärhanalarynyň önümçilik meýilnamasynyň seljermesi...……..................................................................…29
2.3.Nebit gaýtadan işleýän kärhanalarynyň önümçilik meýilnamasynyň seljermesi…… …………........………32
Bap-3.Kärhananyň guramaçylyk – tehniki derejesiniň seljermesi.........................................................................................35
3.1.Seljermäniň meseleleri we çeşmeleri… ………… .....35
3.2.Kärhananyň tehniki derejesiniň seljermesi…………..…35
3.3.Kärhananyň guramaçylyk derejesiniň we tehniki ýagdaýyny seljermesi…......................................................39
3.4.Zähmetiň we önümçiligiň guramaçylygynyň seljermesi………….....................................................……41
3.5.Önümçiligiň umumy netijesiniň we tygşytlylygynyň seljermesi……….................................................................…42
Bap-4 Zähmetiň we zähmet hakynyň seljermesi.....................45
4.1 Zähmet görkezijileriniň seljermesiniň esasy meseleleri........................................................................... 45
4.2 Zähmet öndürijiliginiň seljermesi……………………46
4.3 Işçileriň sanynyň seljermesi, olaryň düzümi, hereketi……….........................................................................…51
4.4 Zähmet hakynyň ulanylyşynyň seljermesi……………...54
Bap-5 Maddy – tehniki üpjünçiliginiň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişiniň seljermesi...........................................…61

5.1. Seljermäniň meseleleri, çeşmeleri…………. ……....61
5.2. Materiallaryň görnüşleri we nomenklatura üpjünçiligi meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi……………62
5.3.Önümçilikde maddy resurslarynyň ulanylyşynyň meyinamasynyň seljermesi..… … …………….............…65
Bab-6. Özüne düşýän gymmatyň seljermesi..........................68
6.1.Seljermäniň meseleleri, maglumat çeşmeleri………...68
6.2.Skwažinalaryň gurluşygynyň özüne düşýän gymmatynyň seljermesi……...................................................68
6.3.Nebiti gazyp almagyň özüne düşýän gymmatynyň seljermesi……….......................................................…71
6.4. Nebiti gaýtadan işleýän kärhanalarda özüne düşýän gymmatyň seljermesi… … ………………...……………74
Bap-7. Önümçiligiň girdeýjisiniň we düşewintliliginiň seljermesi..................................................................76
7.1. Girdeýjiniň we düşewintliligiň meseleleri we çeşmeleri……….....................................................…..76
7.2. Nebiti gaýtadan işleýän kärhanalarda girdeýjiniň seljermesi…….....................................................…77
7.3. Düşewintliligiň seljermesi… …… .....………………..83
7.4. Maliýe seljermäniň ähmiýeti……………………….....85
Bap 8. Kärhananyň maliýe ýagdaýynyň we maliýa işiniň seljermesi..................................................................89
8.1. Seljermäniň meseleleri we çeşmeleri. … ….....……..89
8.2. Maliýe işiniň we maliýe meýilnamasynyň umumy seljermesi. …...............................................................90
8.3. Kärhananyň esasy we aýlanyşyk serişdeleriniň seljermesi……...........................................………97
8.4. Töleg taýýarlygynyň we hasaplamalarynyň ýagdaýynyň seljermesi…...................................…..99
Bap 9. Gurluşyk guramalarynyň hojalyk işiniň seljermesi..............................................................102
9.1.Seljermäniň meseleleri we çeşmeleri…… …………102
9.2.Buraw kärhanalarynyň önümçilik meýilnamasynyň seljermesi………..........................................................103

9.3.Dolotolaryň iş görkezijileriniň seljermesi……………..107
9.4.Burawlamanyň kalendar wagtynyň ulanylşynyň seljermesi……...........................................................……109
Edebiýatlar…………………………………………………111